TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– SEBITIŇ EKOLOGIK MESELELERI BOÝUNÇA HALKARA TAGALLALARY BIRLEŞDIRMEK ÝÖRELGESINDEN UGUR ALYP, TÜRKMENISTAN BMG-niň MERKEZI AZIÝADA HOWANYŇ ÜÝTGEMEGI BILEN BAGLY TEHNOLOGIÝALAR BOÝUNÇA SEBIT MERKEZINI DÖRETMEK BAŞLANGYJY BILEN ÇYKYŞ ETDI.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
24-nji aprel, 2026. Belgisi 17/1687




# EKOLOGIÝA ABADANÇYLYGY — DURNUKLY ÖSÜŞIŇ KEPILI

***22-nji aprelde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Gazagystan Respublikasyna iş saparynyň çäklerinde Sebitleýin ekologiýa sammitine we Araly halas etmegiň halkara gaznasyny esaslandyryjy döwletleriň Baştutanlarynyň Geňeşiniň nobatdaky mejlisine gatnaşdy.***

Ir bilen döwlet Baştutanymyzyň awtoulag kerweni Sebitleýin ekologiýa sammitiniň geçirilýän ýerine – «EXPO» halkara sergiler merkezine bardy. Bu ýerde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowy Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew mähirli garşylady. Ýokary derejeli duşuşyga köp sanly döwlet Baştutanlary, halkara guramalaryň ýolbaşçylary we wekilleri çagyryldy.

Sammitiň öňüsyrasynda wekiliýet ýolbaşçylary «RES 2026 EXPO» halkara sergisi bilen tanyşdylar. Türkmenistanyň «RES 2026 EXPO» halkara sergisindäki milli pawilýony döwletimiziň baý medeni mirasynyň we häzirki zaman ekologiýa ulgamynda gazanan üstünlikleriniň özboluşly sazlaşygynyň aýdyň beýanyna öwrülip, köpugurly gymmatlyklary bilen myhmanlaryň ünsüni çekýär. Ýurdumyzyň wekili belent mertebeli myhmanlary pawilýon bilen tanyşdyryp, ekspozisiýada Türkmenistanyň gaýtalanmajak tebigaty we baý medeniýeti bilen bir hatarda, ýurdumyzyň daşky gurşawy goramak babatda alyp barýan işiniň esasy ugurlarynyň, bu ulgamda durmuşa geçirilýän başlangyçlaryň, maksatnamalaryň, taslamalaryň hem öz beýanyny tapýandygyny aýtdy.

Sergi bilen tanyşlykdan soňra wekiliýet ýolbaşçylary «Durnukly geljek barada umumy garaýyş» mowzugynda guralýan Sebitleýin ekologiýa sammitiniň plenar mejlisiniň geçiriljek ýerine – Kongresler merkezine geldiler. Bilelikde surata düşmek dabarasyndan soňra, plenar mejlis öz işine başlady. Sammitiň gün tertibine tebigy ekologik töwekgelçiliklere ykdysady taýdan durnuklylyk we uýgunlaşmak, sebitde azyk howpsuzlygy, tebigy serişdeleri durnukly dolandyrmak, howanyň hapalanmagyna garşy göreşmek, ekologiýa maksatlaryny gazanmagyň mehanizmleri, adalatly, inklýuziw geçiş, ekologiýa we sanly tejribeler bilen bagly birnäçe wajyp meseleler girizildi.

Prezident Kasym-Žomart Tokaýew hemmeleri mähirli mübärekläp, çakylygy kabul edip, sammite gatnaşýandyklary üçin hoşallyk bildirdi hem-de döwlet Baştutanlarynyň, halkara guramalaryň we hyzmatdaşlaryň gatnaşmagynyň bu çäräniň ähmiýetini artdyrýandygyny belledi. Soňra sammite gatnaşyjylara söz berildi.

Hormatly Prezidentimiz öz çykyşynda sammite gatnaşyjylary mähirli mübärekläp, Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýewe Sebitleýin ekologiýa sammitini çagyrmak baradaky başlangyjy, bildirilen myhmansöýerlik hem-de bu çäräniň ýokary guramaçylyk derejesi üçin minnetdarlyk bildirdi.

«Bu forum aýratyn möhüm waka bolup durýar. Ilkinji gezek biziň ýurtlarymyz tarapyndan iň ýokary döwlet derejesinde giňeldilen ekologiýa gün tertibi toplumlaýyn, bitewi we hakyky sebit ölçeginde ara alnyp maslahatlaşylýar. Bu bolsa, biziň pikirimizçe, daşky gurşawy goramagyň, howanyň üýtgemeginiň möhüm meselelerini we olar bilen bagly durmuş ugurly meseleleri çözmekde has täsirli, ulgamlaýyn, geljegi uly çemeleşmelere geçmäge ähli gatnaşyjy döwletleriň taýýardygynyň aýdyň görkezijisidir» diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy we Türkmenistanyň şu forumy hut şeýle many-mazmunda kabul edýändigini belläp, ony ekologiýa, suw serişdelerini rejeli peýdalanmak, ekologik ösüşiň beýleki ähmiýetli ugurlary, ykdysady, ynsanperwer, hukuk häsiýetli meseleler barada pikir alyşmak, oňyn teklipleri we başlangyçlary öňe sürmek boýunça netijeli meýdança öwürmäge hemmetaraplaýyn ýardam bermäge taýýardygyny tassyklady.

Hormatly Prezidentimiz serhetüsti suw serişdelerini rejeli we adalatly peýdalanmak meselesiniň aýratyn ünsi talap edýändigini aýdyp, bu meselede Türkmenistanyň resmi garaýyşlaryny beýan etdi. Bellenilişi ýaly, ýurdumyz serhetüsti derýalar we suw akymlary boýunça suw meseleleriniň şu üç esasy ýörelgäniň, hususan-da, suw meseleleri boýunça esasy konwensiýalaryň, beýleki halkara namalaryň berk berjaý edilmegi, serhetüsti derýalaryň ugrunda ýerleşýän ähli döwletleriň bähbitleriniň deň derejede göz öňünde tutulmagy, bu işe halkara guramalaryň, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasynyň giňden gatnaşmagy ýörelgeleriniň esasynda çözülmeginiň tarapdary bolup çykyş edýär.

Türkmenistan BMG-niň howandarlygynda Merkezi Aziýa ýurtlarynda suwdan peýdalanmak meseleleri boýunça sebit geňeşini döretmek başlangyjy bilen çykyş etdi. Bu geňeş suw ulgamynda tagallalary utgaşdyrýan netijeli düzüm bolup biler. Ýurdumyz, şol bir wagtyň özünde, Hazar deňzi sebitine girýän döwlet bolup, Hazar deňziniň ähli ekologik meseleleri babatda işjeň çykyş edýär.

Sammitiň netijeleri boýunça «Merkezi Aziýada ekologiýa raýdaşlygy» atly ekologiýa we durnukly ösüş babatda sebitleýin hyzmatdaşlyk hakynda Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň Jarnamasy kabul edildi. Bu resminama sebitiň ýurtlarynyň ekologik meseleleri çözmekde raýdaşlygyny berkidip, Merkezi Aziýanyň durnukly ösüş we ekologik meseleler boýunça bilelikde hereket etmäge taýýardygyny dünýä jemgyýetçiligine äşgär edýär.

* * *

Günüň ikinji ýarymynda hormatly Prezidentimiz Araly halas etmegiň halkara gaznasyny esaslandyryjy döwletleriň Baştutanlarynyň Geňeşiniň nobatdaky mejlisine gatnaşdy.

Prezident Kasym-Žomart Tokaýew mejlise gatnaşyjylary mübärekläp, häzirki şertlerde sebit hyzmatdaşlygynyň strategik ähmiýetini belledi we Aral deňzi sebitiniň ekologik abadançylygynyň gaznany esaslandyryjy ýurtlaryň azyk, energetika howpsuzlygyna gönüden-göni täsir edýändigini nygtady. Soňra mejlise gatnaşyjylara söz berildi.

Hormatly Prezidentimiz çykyşynyň başynda Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýewe bildirilen myhmansöýerlik hem-de Araly halas etmegiň halkara gaznasyny esaslandyryjy döwletleriň Baştutanlarynyň Geňeşiniň şu gezekki mejlisiniň ýokary guramaçylyk derejesi üçin minnetdarlyk bildirdi.

«Araly halas etmek, onuň geljegi, deňziň sebitinde ýaşaýan adamlaryň ykbaly biziň mertebe işimiz, syýasy we ahlak jogapkärçiligimizdir. Şol bir wagtyň özünde ol möhüm ekologiýa, durmuş, ynsanperwer meseleleri çözmek üçin ýurtlarymyzyň hem-de halkara hyzmatdaşlarymyzyň ykdysady, maliýe, guramaçylyk serişdelerini, diplomatik tagallalaryny birleşdirmek we ulanmak babatda umumy borjumyzdyr» diýip, hormatly Prezidentimiz belledi hem-de Türkmenistanyň 2017 – 2019-njy ýyllarda Araly halas etmegiň halkara gaznasynda başlyklyk eden döwründe gaznanyň amaly wezipelerine jogapkärçilikli we maksatnamalaýyn üns berendigini, halkara düzümler, ilkinji nobatda, BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralarydyr institutlary bilen özara gatnaşyklary anyklaşdyrmaga hem-de utgaşdyrmaga aýratyn ähmiýet berendigini ýatlatdy.

Hormatly Prezidentimiz AHHG-nyň şertnama-hukuk binýadyny kämilleşdirmek we döwrebaplaşdyrmak boýunça işleri çaltlandyrmagy hem-de geljekki bilelikdäki işiň täze wezipelerini kesgitlemegi teklip etdi. Bu işi esaslandyryjy döwletleriň ählisiniň bähbitlerine laýyklykda tamamlamagy hem-de Aral deňziniň sebitiniň köp sanly meselelerini çözmek bilen bagly taslamalardyr maksatnamalary durmuşa geçirmekde halkara maliýe institutlary, donorlar bilen has işjeň hyzmatdaşlyk etmäge mümkinçilik döretmek dogry hasaplanýar.

«Biz Araly halas etmegiň halkara gaznasynyň halkara düzümler, ilkinji nobatda, BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralary we agentlikleri bilen özara hyzmatdaşlygynyň derejesini düýpli hem-de hil taýdan ýokarlandyrmagyň zerurdygyndan ugur alýarys» diýip, Arkadagly Gahryman Serdarymyz aýtdy we Türkmenistanyň dünýäde bolup geçýän üýtgeşmeleri, şol sanda geosyýasy we ykdysady häsiýetli ýagdaýlary göz öňünde tutup, Merkezi Aziýa ýurtlary tarapyndan BMG bilen AHHG-nyň hyzmatdaşlygy baradaky Baş Assambleýanyň täze Kararnamasyny bilelikde işlemegi teklip edýändigini nygtady.

Mejlisiň netijeleri boýunça birnäçe resminama gol çekildi. Şolaryň hatarynda Araly halas etmegiň halkara gaznasyny esaslandyryjy döwletleriň Baştutanlarynyň Astana Beýannamasy; Araly halas etmegiň halkara gaznasynyň Prezidentini saýlamak hakynda AHHG-ny esaslandyryjy döwletleriň Baştutanlarynyň Çözgüdi; Gazagystan Respublikasynyň Araly halas etmegiň halkara gaznasynda başlyklyk etmeginiň netijeleri hakynda Araly halas etmegiň halkara gaznasyny esaslandyryjy döwletleriň Baştutanlarynyň Çözgüdi; 26-njy marty Aral deňziniň, Amyderýanyň we Syrderýanyň halkara güni diýip yglan etmek hakynda AHHG-ny esaslandyryjy döwletleriň Baştutanlarynyň Çözgüdi bar.

## STRATEGIK HYZMATDAŞLYGYŇ 20 ÝYLLYGY

**Türkmenistan dünýäniň iri tebigy gaz gorlaryna baý ýurtlaryň biri hökmünde nebitgaz senagatyny ösdürmäge aýratyn ähmiýet berýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda bu pudak milli ykdysadyýetiň esasy hereketlendiriji güýjüne öwrüldi. Döwlet tarapyndan alnyp barylýan giň gerimli maksatnamalar netijesinde täze gaz ýataklary özleşdirilýär, häzirki zaman tehnologiýalar ornaşdyrylýar we halkara hyzmatdaşlyk üstünlikli ösdürilýär.**



**Türkmenistanyň energetika syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biri tebigy gazyň dünýä bazarlaryna ygtybarly we durnukly eksportyny üpjün etmekdir. Bu babatda türkmen-hytaý gaz hyzmatdaşlygy aýratyn orun eýeleýär.**

**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türkmenistanyň nebitgaz senagaty milli ykdysadyýetimiziň kuwwatly sütüni bolup hyzmat edýär. Şu ýyl türkmen-hytaý gaz hyzmatdaşlygynyň ýola goýulmagyna 20 ýyl dolýar.** 3

## SAGLYGY GORAÝŞYŇ BELENT SEPGITLERI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň ähli pudaklarynda düýpli özgertmeler amala aşyrylýar. Bu özgertmeleriň özeninde bolsa ynsan saglygy, halkymyzyň bagtyýar durmuşy we döwrebap hyzmatlardan peýdalanmak hukugy durýar.



Halkymyzyň bagtyýar durmuşda ýaşamagy, ýaş nesillerimiziň ruhy we beden taýdan sagdyn adamlar bolup kemala gelmegi üçin ähli şertleri döretmek hormatly Prezidentimiziň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar.

Gahryman Arkadagymyzyň milli saglygy goraýyş ulgamynda başyny başlan giň möçberli özgertmeleriniň Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilmegi bilen, halkymyza edilýän lukmançylyk hyzmatlarynyň hili ýokarlandy. 3

## Iň owadan demir ýol ugurlary

Ýaponiýanyň «Sagano Romantic Train» ugry dünýäniň iň täsirli demir ýoly diýlip yglan edildi. 4

## Welosipediň köp sürülýän şäherleri

1800-nji ýyllarda oýlanylyp tapylan welosiped häzirki wagtda iň köp ulanylýan ulag serişdeleriniň biri hasaplanýar. 5

## Ýylyň türgenleri saýlandy

«Laureus» bütindünýä sport baýraklarynyň ýeňijileri belli boldy. Ýylyň erkek türgeni diýlip, ispaniýaly tennisçi Karlos Alkaras saýlandy. 7

## 2 iňlis kluby ýarym finala çykdy

UEFA Ýewropa Ligasynda ýarym finala çykan toparlar belli bolup, 2 iňlis kluby iň gowy 4 toparyň arasynda adyny ýazdyrmagy başardy. 8

## Türkmen bedewiniň milli baýramy uludan bellenýär

***«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň rowaçlanýan günlerinde halkymyz ajaýyp seneleriň ýene-de birini uludan toýlaýar. Güneşli Diýarymyzda Türkmen bedewiniň milli baýramy tutumly dabaralara beslenip, uludan bellenip geçilýär. Bu senäniň hormatyna häzirden aýdym-sazly dabaralaryň, döredijilik bäsleşikleriniň, täsirli duşuşyklardyr maslahatlaryň we köp öwüşginli çäreleriň ýaýbaňlandyrylmagy bagtyýar halkymyzyň behişdi bedewlere goýýan sarpasyny dabaralandyrýar.***

21-nji aprelde Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň çäginde uzak aralyga atly ýöriş bäsleşigi geçirildi. 22-nji aprelde bolsa Aşgabat atçylyk sport toplumynyň açyk manežinde atly sportuň päsgelçiliklerden böküp geçmek (konkur) görnüşi boýunça ýaryş geçirildi. Türkmen bedewiniň milli baýramy mynasybetli geçirilen bu bäsleşikler ýakynlaşyp gelýän Türkmen bedewiniň milli baýramy mynasybetli ýurdumyzda guralýan toý çäreleriniň üstüni ýetirdi.

Häzirki döwürde milli atşynaslyk ulgamynda marafon we konkur ýaryşlary uly meşhurlyk gazanýar. Oňa gatnaşýan bedewleriň sanawy munuň şeýledigini äşgär edýär.



Şeýle-de Lebap welaýat häkimliginiň, jemgyýetçilik guramalarynyň hem-de welaýat medeniýet müdirliginiň bilelikde guramagynda Türkmen bedewiniň milli baýramy mynasybetli dabaraly maslahat geçirildi. 2

## Tebigaty goramak hemmämiziň borjumyzdyr

***Türkmenistan häzirki wagtda diňe bir ykdysady däl, ekologiýa taýdan hem durnukly ösýän döwlete öwrülýär. Ýurdumyzyň daşky gurşawy goramak we tebigy baýlyklary tygşytly ulanmak ugrundaky tagallalary halkara jemgyýetçiliginiň ünsüni çekýär. Bu syýasatyň özeninde «Tebigaty aýawly saklamak geljekki nesillere goýulýan iň uly mirasdyr» diýen ýörelge ýatyr.***

Döwletimiziň ekologiýa strategiýasy ulgamlaýyn häsiýete eýedir. Türkmenistanyň howanyň üýtgemegi baradaky Milli strategiýasy we Milli tokaý maksatnamasy bu ugruň esasy sütünleridir. Şeýle hem ýurdumyzda kabul edilen täze kanunlar we kadalaşdyryjy namalar daşky gurşawa zyýanly täsirleri azaltmaga we «ýaşyl» tehnologiýalary ornaşdyrmaga gönükdirilendir.

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda sebitiň ekologiýa meselelerini çözmek boýunça halkara ähmiýetli başlangyçlar taýýarlanyp, öňe sürülýär. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyzyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynda Merkezi Aziýa babatda BMG-niň maksatlaýyn ekologiýa strategiýasyny taýýarlamak başlangyjyny öňe sürendigini bellemek gerek. Türkmenistan howanyň üýtgemegi ýaly wajyp ugurda Birleşen Milletler Guramasy we beý-



leki iri halkara düzümler bilen işjeň hyzmatdaşlyk edýär. BMG-niň daşky gurşaw boýunça konwensiýalarynyň onlarçasyna goşulan Türkmenistanyň ýokary derejeli forumlarda öňe sürýän başlangyçlary halkara bileleşigiň giň goldawyna eýe bolýar. 2




# ARKADAG ŞÄHERI GÖZELLEŞÝÄR

21-nji aprelde türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Arkadag şäherine iş saparyny amala aşyryp, şäheriň gurluşygynyň ikinji tapgyrynda alnyp barylýan işler we gurulýan hem-de döwrebaplaşdyrylýan desgalaryň şekil taslamalary bilen tanyşdy. Gahryman Arkadagymyz bu ýerde degişli ýolbaşçylaryň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi.

Ir bilen Gahryman Arkadagymyz türkmen topragynyň ajaýyp künjeginde ýerleşýän döwrebap şäherdäki daşary ýurt dillerine ýöriteleşdirilen we durky düýpli döwrebaplaşdyrylýan mekdebiň çäginde alnyp barylýan işler bilen tanyşmak üçin bu ýere geldi. Döwrebaplaşdyryş işleri batly depginde dowam edýän mekdebiň ýanynda Milli Liderimiz mähirli garşylandy. Bu ýerde Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti O.Atabaýewa mekdebi döwrebaplaşdyrmak işleriniň gaznanyň hemaýat bermeginde alnyp barylýandygy barada maglumat berdi.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy daşary ýurt dillerini öwredýän ýöriteleşdirilen mekdebiň ýokary derejede enjamlaşdyrylmagy, lingafon otaglarynyň, beýleki okuw otaglarynyň ýokary halkara görkezijilere laýyk gelmegi bilen baglanyşykly meselelere aýratyn ähmiýet berilmelidigini belledi.

Soňra Türkmenistanyň at gazanan arhitektory Gahryman Arkadagymyz «akylly» şäheriň ikinji tapgyrynda alnyp barylýan gurluşyk işlerine, döwrebap binalaryň bezeg aýratynlyklaryna degişli şekil taslamalary bilen tanyşdy. Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komitetiniň başlygy D.Orazow we Arkadag şäheriniň häkimi G.Mämmedowa häzirki döwürde Gahryman Arkadagymyzyň ozal beren maslahatlaryndan ugur alnyp, şäheriň çäklerinde gurulýan we gurulmagy meýilleşdirilýän önümçilik, medeni-durmuş maksatly binalaryň taýýarlanylan şekil taslamalary barada giňişleýin maglumat berdiler. Hususan-da, Arkadag şäheriniň önümçilik, medeni-durmuş maksatly desgalarynyň, şäheriň Arkadag merkeziniň binasynyň içki bezeginde ulanylýan serişdeler, desgalaryň iş otaglarynyň enjamlaşdyrylyşy bilen baglanyşykly şekil taslamalary, binalaryň ýerleşjek ýerleriniň çyzgylary görkezildi. Täze şäheriň Gün elektrik bekediniň ýerleşjek ýerleriniň çyzgylary barada maglumat berildi.

Hormatly Arkadagymyz görkezilen taslamalar bilen içgin tanşyp, olara birnäçe belliklerini aýtdy we degişli düzedişleri girizdi. «Arkadag şäheriniň gurluşygynyň ikinji tapgyrynda bina edilýän desgalaryň her biriniň özboluşly bezeg aýratynlyklary bolmalydyr. Gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleriniň bekedinde häzirki zamanyň täzeçil tehnologiýalarynyň ulanylmagyna zerur üns berilmelidir. Arkadag merkeziniň otaglarynyň, mejlisler, duşuşyklar zallarynyň enjamlaşdyrylyşyna ösen tejribelere laýyklykda çemeleşilmelidir. Şunda döwrebaplyk, amatlylyk reňkleriň sazlaşygy bilen utgaşmalydyr» diýip, Milli Liderimiz belledi we bu babatda öz maslahatlaryny berdi.

Soňra Gahryman Arkadagymyz bu ýerde Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komitetiniň başlygy D.Orazowyň we Arkadag şäheriniň häkimi G.Mämmedowanyň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi. Onda şäheri ösdürmegiň ikinji tapgyrynda alnyp barylýan işler, dürli maksatly binalaryň gurluşyklarynyň depginlerini ýokarlandyrmak, olara sanly ulgamy ornaşdyrmak bilen baglanyşykly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

D.Orazow häzirki döwürde Arkadag şäheriniň çäklerinde alnyp barylýan işleriň ýagdaýy, aýratyn-da, lukmançylyk klasteriniň önümçilik toplumlarynyň gurluşyk işleriniň depgini, Ahalteke atlary şaýolunyň gurluşygynyň barşy barada maglumat berdi.

Gahryman Arkadagymyz häzirki döwürde şäheriň gurluşyklarynyň depgininiň haýaldygyny we ýerine ýetirilýän işleriň ýokary hil derejesine laýyk gelmeýändigini belläp, bu ýerde alnyp barylýan işleriň ýagdaýyna nägilelik bildirdi hem-de kemçilikleriň gysga wagtda düzedilmeginiň möhüm talap bolup durýandygyna ünsi çekdi. «Aýratyn-da, şäheriň esasy şaýoly bolan Ahalteke atlary şaýolunyň gurluşygynyň depgini güýçlendirilmelidir we bu ýol tiz wagtda açylyp ulanmaga berilmelidir» diýip, türkmen halkynyň Milli Lideri nygtady hem-de ähli meýilleşdirilen işleriň depgininiň we hil derejesiniň yzygiderli gözegçilikde saklanylmalydygy babatda degişli maslahatlaryny berdi.

Arkadag şäheriniň häkimi G.Mämmedowa häzirki döwürde bu ýerde Türkmen bedewiniň milli baýramyny ýokary derejede bellemek ugrunda alnyp barylýan işler, şanly sene mynasybetli şäher ilatyny täze ýaşaýyş jaýlaryna göçürip getirmäge görülýän taýýarlyk barada maglumat berdi. Şeýle hem Türkmen bedewiniň milli baýramynyň bellenilýän günlerinde Arkadag şäheriniň ýörite sergisiniň guralmagy meýilleşdirildi.

Milli Liderimiz Türkmen bedewiniň milli baýramynyň ahalteke bedewleriniň asyl mekanynda uly dabaralara beslenmelidigini, baýramçylyk çäreleriniň ýokary guramaçylyk derejesiniň üpjün edilmelidigini belledi. Şanly sene mynasybetli bagtyýar maşgalalara täze jaýlaryň açarlarynyň gowşurylmagy goşa baýrama öwrüler. Ahalteke bedewleriniň asyl mekanynda türkmen atşynaslygynyň milli ýörelgelerini giňden wasp edýän telegepleşikleriň taýýarlanylmagy, oňa Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň mugallymlarynyň we talyplarynyň işjeň gatnaşmagy ugrunda zerur tagallalar edilmelidir.

Milli Liderimiz öz çägini barha giňeldýän täze şäherde geljekde oba hojalyk uniwersitetiniň binalar toplumynyň gurluşygynyň meýilleşdirilýändigini we bu ugra degişli meseleleriň içgin öwrenilýändigini belläp, bu işleriň Arkadag şäheriniň medeni-durmuş derejesiniň has-da ýokarlanmagynda ähmiýetli boljakdygyna ünsi çekdi.

## 7 million düýp gül

Ýakynda Niderlandlaryň Lisse şäherindäki «Kýokenhof» seýilgähi syýahatçylar üçin gapysyny giňden açdy. Bu ýyl seýilgähde 800-den gowrak görnüşe degişli bolan jemi 7 million töweregi gül ösdürilip ýetişdirilipdir. 8 hepde dowam etjek sergi ýurduň bu ugurda dünýä bazaryndaky öňdebaryjy ornuny we gülçülik sungatynyň ýokary derejesini görkezer. Taryhyny XVII asyrdan alyp gaýdýan seýilgäh, tebigaty goramak we syýahatçylaryň rahatlygyny üpjün etmek maksady bilen häzirki wagtda birnäçe çäreleri girizdi. Amsterdamdan 40 km uzaklykda ýerleşýän bu seýilgähe ýylyň dowamynda 1 milliondan gowrak adam gelýär. Häzirki wagtda bu ýere gelýänleriň giriş petekleri belli möhlete niýetlenen bolup, syýahatçylar üçin öňünden bellenen ýörite ýodalar döredildi. Sebitiň esasy medeni merkezleriniň biri hasaplanýan seýilgähde aprel we maý aýlary çigildemler owadan bolup açylýar.



**Mährem BABAMYRADOWA,**
*Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersitetiniň talyby.*

## Tebigaty goramak hemmämiziň borjumyzdyr

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Her ýyl ýurdumyzda millionlarça agaç nahallaryny oturtmak asylly däbe öwrüldi. Paýtagtymyzda we welaýatlarymyzda döredilýän tokaý zolaklary howanyň arassalanmagyna hyzmat edýär, tozanly ýelleriň öňüni alýar. Ýerli mikroklimatyň durnuklylygyny saklaýar.





Türkmenistan BMG-niň Daşky gurşawy goramak baradaky maksatnamalarynyň işjeň agzasydyr. Ýurdumyz tarapyndan öňe sürülýän Hazar deňziniň ekologiýa ýagdaýyny saklamak, Aral deňziniň sebitindäki ýagdaýlary gowulandyrmak, metan zyňyndylaryny azaltmak baradaky başlangyçlar dünýä derejesinde goldanylýar.

Häzirki wagtda Türkmenistan «ýaşyl» ykdysadyýete geçmegi özüniň ileri tutulýan ugurlarynyň biri hökmünde kesgitledi. Ekologiýa syýasaty diňe bir bag ekmek däl, eýsem, önümçilikde ekologiýa taýdan arassa tehnologiýalary ulanmak, suwy tygşytly sarp etmek we tebigat bilen ylalaşykda ýaşamak medeniýetini kemala getirmekdir. Bu bolsa ýurdumyzyň diňe bir şu gününe däl, eýsem, nurana geljegine hem kepil geçýär.

**Oguljan AŞYROWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

## Türkmen bedewiniň milli baýramy uludan bellenilýär

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Maslahatyň dowamynda dünýä medeniýetine önjeýli goşant goşan türkmen milli medeniýeti, milli mirasymyzyň iň naýbaşylarynyň biri, gözellikde, ýyndamlykda deňi-taýy bolmadyk türkmen bedewleri barada çuňňur mazmunly çykyşlara giň orun berildi.





Golaýda Türkmen bedewiniň milli baýramy mynasybetli Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasynyň Sergiler jaýynda mugallymlaryň we talyplaryň eserleriniň sergisi açyldy. Sergide halypalaryň çykyşlaryna uly orun berlip, görkezilen sungat eserleriniň özboluşly çeperçilik aýratynlygy, halypa-şägirtlik ýoly hakynda giňden bellenilip geçildi.

Türkmen bedewiniň milli baýramynyň uludan bellenmegi, bu senäniň şanyna köpöwüşginli dabaralaryň geçirilmegi ildeşlerimiziň kalbynda egsilmejek joşgun döredýär.

Milli we umumadamzat medeni mirasynyň aýrylmaz bölegi bolan türkmen halkynyň atşynaslyk däplerini gorap saklamak, ösdürmek we dünýä ýaýmak babatda taýsyz tagalla edýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza alkyşlarymyz çäksizdir.

**Göwher ANNAKULYÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Selin Dionyň Parižmdäki konsertleri uly girdeji getirer

Selin Dionyň sentýabr we oktýabr aýlarynda Parižde geçirjek 16 konsertden ybarat bolan täze döredijilik saparynyň şäheriň syýahatçylygyna uly goşant goşmagyna garaşylýar. Bilermenleriň pikiriçe, aýdymçynyň sahna dolanmagy sebitiň ykdysadyýetine 300-den 500 million ýewro çenli girdeji getirip biler.

«Choose Paris Region» agentliginiň ýolbaşçysy Aleksandra Dýublanş bu möçbere petek satuwynyň, myhmanhanalardan we restoranlardan ýer belletmegiň hem-de söwda harajatlarynyň girýändigini belleýär. Sebäbi şeýle ýagdaýlarda daşary ýurtly myhmanlar ýerli ýaşaýjylara garanyňda, has köp pul sarp edýärler.

«Adagio» myhmanhanalar zynjyry ýer belledýänleriň 400% artandygyny hasaba aldy, «Booking.com» bolsa «Paris» diýen gözlegiň sanynyň 49% ýokarlanandygyny habar berdi. «MKG Group» analitigi Wangelis Panaýotis ulag çykdajylary hasaba alynsa, umumy ykdysady täsiriň 1,2 milliard ýewro ýetip biljekdigini çaklaýar.

58 ýaşly Selin Dion seýrek duş gelýän keseli zerarly karýerasyna alty ýyllyk arakesme bermeli bolupdy.

– Şu ýyl men ömrümde iň gowy doglan gün sowgadyny alýaryn. Mende sizi görmäge we Parižde ýene-de sahna çykmaga mümkinçilik dörär – diýip, aýdymçy begenjini paýlaşýar.

**Azat AŞYRMUHAMMEDOW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

## Has ýeňil uçar peýda bolar

«Fraunhofer» nemes kompaniýasy agramy 94 kilogram bolan uçar motoryny işläp taýýarlady. Gibrid energiýa bilen işleýän hereketlendirijiniň kuwwaty 1 000 at güýjüne barabar. Bu tehnologiýa häzirki wagtda gibrid ulaglarda bolşy ýaly, gibrid ýangyçly uçarlaryň öndürilmegine mümkinçilik berer. Häzirki wagtda elektrik energiýasy bilen işleýän kiçi göwrümli uçarlar bar hem bolsa, gibrid motorly uçarlar o diýen köp däl. Işlenip taýýarlanan motor ýeňildigine garamazdan, kuwwatlylygy bilen tapawutlanýar. Bu bolsa, şeýle ulaglary işläp taýýarlamagyň öňündäki iň uly meseläni aradan aýyrar. Awiasiýa pudagynda agram näçe az bolsa, ýangyç hem az sarp edilýär. Motoryň ýeňil bolmagyna onuň içindäki mis simiň saralyşynyň üýtgedilmegi sebäp bolupdyr. Sim saramagyň täze usuly has köp elektrik akymyny döredip, kuwwatly bolmagyna getirýär. Mundan başga-da, motoryň gyzmagynyň öňüni almak üçin howanyň ýerine ýag ulanylýar. Motoryň önümçiliginde ozalkydan iki esse ýuka bolan polatdan peýdalanylypdyr.



**Güljemal AKMYRADOWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

## Robotlaryň ýaryşy geçirildi

Hytaýda adamsypat robotlaryň nobatdaky ýaryşy geçirildi. Ýurduň paýtagty Pekinde ikinji gezek geçirilen ýarym marafonda adamlar bilen bir ýodada robotlar hem ýaryşdy. Sport bilen tehnologiýanyň duşuşan täsin ýaryşynda robotlaryň arasynda täze rekord hasaba alyndy. «Pekin E-şäher ýarym marafony we adamsypat robot ýarym marafony» diýlip atlandyrylan sport çäresinde 21,1 kilometr aralykda geçirilen ýaryşda robotlar adamyň şol bir aralykda rekordyny täzeledi. Mobil enjamlary öndürýän «Honor» brendiniň işläp taýýarlan roboty bu aralygy 50 minut 26 sekuntda geçmegi başardy. Şol modele degişli ýene iki robot degişlilikde, 50 minut 56 sekuntda hem-de 53 minut 1 sekuntda pellehana gelmegi başardy. Her bir roboty gerek bolan halatynda uzakdan dolandyrýan hünärmenler bar.



Ýarym marafon boýunça dünýä rekordy häzirki wagtda erkekleriň arasynda ugandaly Ýakob Kiplimo degişli bolup, ol şu ýylyň mart aýynda Lissabonda geçirilen ýaryşda bu aralygy 57 minut 20 sekuntda geçipdi. Bu ugurda zenanlaryň arasyndaky rekord 2021-nji ýylda hasaba alnypdy. Efiopiýaly Letesenbet Gideý Walensiýada geçirilen ýaryşda bu aralygy 1 sagat 2 minut 52 sekuntda geçipdi.

Pekinde geçirilen ýaryşda adamlar bilen robotlar arasyna metal germew çekilen şol bir ýodada ylgadylar. Robotlary işläp taýýarlamaga tehnologiýa kompaniýalary, uniwersitetler, ylmy-barlag institutlary, robot ýasamak bilen meşgullanýan höwesjeň klublar gatnaşýar. Ýaryşa jemi 105 robot gatnaşdy.

Geçen ýyl ilkinji gezek geçirilen ýaryşda «Tiangong Ultra» atly robot ýarym marafony 2 sagat 40 minut 42 sekuntda geçipdi.

**Gurbanmämmet AMANOW,**
*Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Magtymguly etrap birleşmesiniň başlygy.*

## Ýel energiýasynda rekord

Global ýel energiýasy geňeşi (GWEC) ýel energiýasy barada täze maglumat taýýarlady. Maglumatda ýel energiýasynyň uly ykdysadyýetlerde energiýanyň arassa çeşmelerine geçişde uly orun eýeleýändigi bellenildi. Hytaý geçen ýyl umumy önümçilik kuwwaty 120 gigawat bolan täze ýel beketlerini işe girizipdir. Şeýlelikde, ýurtda ýelden energiýa alýan desgalaryň önümçilik kuwwaty 640 gigawatdan geçipdir. Hindistanda täze gurlan ýel beketleriniň önümçilik kuwwaty 6,3 gigawata ýetipdir. Germaniýada gury ýerde we deňizde gurlan ýel beketleriniň önümçilik kuwwaty 5,7 gigawata, Braziliýada 2,3 gigawata deň bolupdyr.



Global derejede geçen ýyl önümçilik kuwwaty jemi 165 gigawat bolan täze desgalar işe girizilipdir. Netijede, ýel energiýasynyň önümçilik kuwwaty dünýäde 1299 gigawata ýetipdir.

**Süleýman HADYROW,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

## Ýewropanyň iň uzyn demir ýol syýahaty

Iýun aýynda Finlýandiýa bilen Şwesiýanyň arasynda demir ýol gatnawy ýola goýlar. Şeýlelikde, bu şahanyň açylmagy bilen, Ýewropanyň çägindäki iň uzyn demir ýol gatnawy peýda bolar. Botniýa aýlagynyň iň demirgazygyndaky Finlýandiýanyň Tornio hem-de Şwesiýanyň Haparanda şäherleriniň arasynda bir asyrdan gowrak wagtdan bäri demir ýol bar bolsa-da, Finlýandiýadaky böleginde relsler has giň. Geçen asyryň başynda gurlan Haparanda wokzaly abadanlaşdyrylar. Bu ýerde ýolagçylar bir otludan düşüp, beýlekä geçmeli bolarlar. Otly gatnawynyň ýola goýulmagy bilen Finlýandiýanyň Kolari şäheri bilen Portugaliýanyň Lagos şäherleriniň arasyny diňe demir ýol ulaglaryna münmek arkaly geçip bolar. Şeýle-de Helsinki bilen Stokgolm şäherleriniň arasynda hem otly gatnawy ýola goýlar. Bu aralykdaky syýahatyň dowamlylygy 24 sagatdan gowrakdyr. Finlýandiýa bilen Şwesiýanyň paýtagtlarynyň arasynda häzirki wagtda 18 sagat dowam edýän gämi gatnawy hereket edýär.



**Ogulbike MÄMIÝEWA,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Aprel aýynyň 24-i, 2026
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-118534
Belgisi: 17/1687
Tiražy: 10039
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir.
Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# BEDEW AT – HALKYŇ MYRADY

Her ýylyň aprel aýynyň soňky ýekşenbesinde Türkmen bedewiniň milli baýramynyň ýurdumyzda döwlet derejesinde bellenilip geçilmegi we dürli bäsleşikleriň, at çapyşyklaryň geçirilmegi bedew atyň türkmeniň ruhy dünýäsindäki ornunyň ýokarydygyny aňladýar. Çünki halkymyz bedewlere hemişe-de rowaçlyklaryň, okgunly ösüşleriň nyşany hökmünde garapdyr. Pederlerimiz «At – myrat», «Atym bar – ganatym bar», «At çapmaz, bagt çapar» ýaly parasatly jümleleri döredipdirler. Arassa ganly ahalteke bedewleri gaýduwsyz türkmen ýigitleriniň wepaly dosty, kyn gününde syrdaşy bolupdyr. Olar owadan syn-sypaty, ýnsana mahsus gylyk-häsiýeti, eýesine wepalylygy bilen giňden meşhurdyr.



Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türkmenistanda atçylygy we atçylyk sportuny ösdürmegiň, tejribeli atşynaslary, seýisleri, çapyksuwarlary, beýleki hünärmenleri taýýarlamaga, olaryň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmak üçin zerur şertleri döretmäge aýratyn üns berilýär. Şunuň bilen bir hatarda, ata-babalarymyzyň atşynaslyk däpleri gaýtadan dikeldilýär, türkmen atşynaslyk sungaty täze sepgitlere ýetýär. Ýyndamlygy we owadanlygy bilen bütin dünýäde tanalýan behişdi bedewleriň meşhurlygy barha artýar. Ajaýyp türkmen atlaryna bolan ägirt uly gyzyklanmany göz öňünde tutup, daşary ýurtlardaky ahalteke atçylyk assosiasiýalary bilen netijeli hyzmatdaşlyk ýola goýulýar. Türkmen atçylyk sungatynyň dünýä giňişligine işjeň goşulyşmagy ştab-kwartirasy Aşgabatda ýerleşýän Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň işinde aýdyň beýanyny tapýar. Geçen ýylda bu düzüm Ýewropanyň we Aziýanyň öňdebaryjy atçylyk merkezleri bilen bilelikdäki ylmy-barlag taslamalarynyň birnäçesini durmuşa geçirip, hyzmatdaşlygyň çägini ep-esli giňeltdi. Bu netijeli dialog diňe bir tohumçylyk ulgamynda tejribe alyşmaga ýardam bermek bilen çäklenmän, eýsem, ýurdumyzyň bedewleriň genofonduny gorap saklaýan, ykrar edilen halkara derejeli intellektual we medeni merkez hökmündäki abraýyny hem pugtalandyrýar. Ahalteke atlarynyň dünýä derejesindäki abraýy barha artýar. Olaryň ÝUNESKO tarapyndan ykrar edilmegi we Arkadag şäherinde öňdebaryjy Atçylyk ylmy-önümçilik merkeziniň gurulmagy munuň aýdyň güwäsidir. «Ahalteke atçylyk sungaty we atlary bezemek däpleri» atly milli hödürnamanyň ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizilmegi bu ugurdaky döwlet syýasatynyň möhüm üstünligi boldy. 2023-nji ýylyň dekabrynda bu guramanyň Maddy däl medeni mirasy goramak boýunça hökümetara komitetiniň 18-nji mejlisinde biragyzdan kabul edilen bu çözgüt ahalteke atlarynyň bütindünýä mirasy hökmünde ykrar edilmegini şertlendirdi.

Türkmen atlaryna goýulýan belent hormat häzirki wagtda Türkmenistanda döwlet derejesinde dowam etdirilýär. Behişdi bedewler ýurdumyzda milli özboluşlygyň nyşany bolup hyzmat edýär. Bu ugurda milli infrastrukturanyň ösdürilmegi, ähli welaýatlarda iň täze tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrylan atçylyk merkezleriniň, athanalaryň, weterinariýa hassahanalarynyň, genetiki gözegçilik barlaghanalarynyň gurulmagy munuň anyk mysalydyr.

Ajaýyp döwrümiziň bezegine öwrülen behişdi bedewlerimiz baradaky aladany dünýä derejesine çykaran, türkmen halkynyň ykbalyny galkyndyryp, bagtyýarlyk döwrüniň bagtyna guwanyp, eşretli durmuşda ýaşaýan halkymyza döwletli-döwranly peşgeş beren Gahryman Arkadagymyza we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, belent başlary aman bolsun, il-ýurt bähbitli alyp barýan döwletli işleri elmydama rowaçlyklara beslensin!

**Çynar ORAZOWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň mugallymy.*

# STRATEGIK HYZMATDAŞLYGYŇ 20 ÝYLLYGY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Bu şanly sene diňe bir ykdysady bähbitleriň däl, eýsem, iki dostlukly halkyň arasyndaky strategik hyzmatdaşlygyň dabaralanmasydyr.

Gysga möhletde durmuşa geçirilen Türkmenistan–Hytaý gaz geçirijisi häzirki zaman dünýäsiniň iň iri we ähmiýetli energetika taslamalarynyň biri hökmünde taryha girdi. Bu «energetika ýoly» diňe bir Hytaýyň ykdysady ösüşine goşant goşmak bilen çäklenmän, eýsem, tutuş Aziýa sebitiniň energetika howpsuzlygynyň kepiline öwrüldi.

2026-njy ýylyň martyna çenli Türkmenistandan Hytaýa iberilen «mawy ýangyjyň» umumy möçberi 460 milliard kub metrden gowrak boldy. Hytaý Halk Respublikasy Türkmenistanyň iň iri söwda hyzmatdaşlarynyň biri bolup durýar. Galkynyş käniniň ähmiýeti barada aýdylanda, dünýäniň iň iri gury ýer gaz känleriniň biri bolan «Galkynyşyň» tapgyrlaýyn özleşdirilmegi bu hyzmatdaşlygyň esasyny düzýär.

Häzirki wagtda taraplar hyzmatdaşlygyň täze tapgyryna – «Galkynyş» känini özleşdirmegiň dördünji tapgyryna aýratyn üns berýärler. Bu taslamalaryň durmuşa geçirilmegi türkmen gazynyň Hytaýa eksportyny ýyllyk 65 milliard kub metre ýetirmäge mümkinçilik berer.

«Türkmengaz» döwlet konserni tapgyryň çäginde ýylda 10 milliard kub metr harytlyk gazy taýýarlaýan desgany we şol möçberde harytlyk gazy taýýarlamak üçin ýeterlik boljak ulanyş guýularyny taslamalaşdyrmak we doly taýýar edip gurmak barada Hytaýyň «CNPC Amudarya Petroleum Company Ltd.» kompaniýasy bilen şertnama baglaşdy. Bellenen wezipeleri üstünlikli ýerine ýetirmek, taslamanyň durmuşa geçirilişine gözegçiligi güýçlendirmek we potratçy bilen işleri utgaşykly alyp barmak, desgany doly işe girizmek, geljekde ony dolandyrmak maksady bilen, ýakynda geçirilen Ministrler Kabinetiniň mejlisinde döwlet Baştutanymyz «Galkynyşgaz» döwlet kärhanasyny döretmek hakynda» Karara hem gol çekdi.

Hyzmatdaşlygyň çäklerinde diňe bir çig mal eksport edilmän, eýsem, tehnologiýalar alşylýar we ýokary hünärli hünärmenler taýýarlanylýar. Hytaýyň milli nebitgaz korporasiýasy (CNPC) bilen hyzmatdaşlykda ýaş türkmen hünärmenleri döwrebap tehnologiýalary özleşdirýärler. Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary netijesinde, pudakda innowasiýalar we sanly ulgam giňden ornaşdyrylýar.

20 ýyllyk ýol diňe başlangyçdyr. Türkmenistan we Hytaý tarapyndan gurlan bu «energetika köprüsi» geljekde hem durnukly ösüşiň, parahatçylygyň we ykdysady rowaçlygyň ygtybarly binýady bolup galar.

**Güljeren BABAÝEWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.*

# YKDYSADYÝETDE MALIÝE SOWATLYLYGY

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda Garaşsyz döwletimizde hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary bilen halk hojalygynyň ähli ugurlarynda okgunly ösüşler gazanylýar.

Häzirki döwürde durnukly ykdysady ösüşi gazanmak döwlet syýasatynyň baş ugry bolmagynda galýar. Durnukly ösüş boýunça ileri tutulýan ugurlar we wajyp meseleler ýurdumyzyň durmuş-ykdysady syýasatynda möhüm orun eýeleýär. Durnukly ösüş maksatlaryny amala aşyrmakda ykdysady ugra uly ähmiýet berilmegi onuň ösüşiň maddy binýady bolup durýandygy bilen baglanyşyklydyr. Häzirki döwürde milli ykdysadyýetimizi diwersifikasiýalaşdyrmak boýunça alnyp barylýan maksatnamalaýyn işler ykdysady netijeliligiň ýokarlanmagyna ýardam berýär. Ykdysady ösüşde, köplenç, duş gelinýän töwekgelçilikleriň derejesini peseltmekde özünde uly mümkinçilikleri jemleýän köpugurly ösüş milli ykdysadyýetiň aýry-aýry pudaklara baglylyk derejesini peseldýär.

Şu nukdaýnazardan maliýe sowatlylygy aýratyn ähmiýete eýedir. Häzirki zaman dünýäsinde ykdysady ösüş diňe bir önümçilik görkezijileri ýa-da tebigy serişdeler bilen däl, eýsem, jemgyýetiň her bir agzasynyň maliýe sowatlylygy bilen hem ölçenýär. Maliýe sowatlylygy – bu şahsy serişdeleri dolandyrmakdan başlap, global ykdysady hadysalara düşünmäge çenli bolan giň düşünjedir. Ykdysadyýet ylmy nukdaýnazaryndan seredeniňde, şahsy býujetiň dogry dolandyrylmagy gönüden-göni ýurduň maliýe ulgamynyň durnuklylygyna täsir edýär.



Islendik ykdysady ulgamda garaşylmadyk üýtgeşmeler bolup biler. Şahsy derejede «ätiýaçlyk gaznasynyň» bolmagy, ykdysady töwekgelçilikler ýa-da maliýe kynçylyklary döwründe döwletiň durmuş goldaw ulgamyna agram salman, öz-özüni dikeltmegine şert döredýär. Bu bolsa jemgyýetçilik durnuklylygynyň binýadydyr.

Sanly ykdysadyýetiň we kripto-aktiwleriň ösýän döwründe maliýe sowatlylygy täze bir derejä – sanly maliýe sowatlylygyna geçýär. Onlaýn bank hyzmatlary, kiberhowpsuzlyk we sanly maýa goýum gurallary bilen işlemek her bir raýatyň hökman bilmeli zatlarynyň birine öwrüldi.

Maliýe sowatlylygy diňe bir maddy baýlygyň däl, eýsem, ykdysady azatlygyň hem açarydyr. Döwlet we jemgyýet derejesinde bu ugra üns berilmegi geljekde has durnukly we maýa goýum mümkinçilikleri ýokary bolan milli ykdysadyýetiň gurulmagyna itergi berer.

Şeýle hem häzirki wagtda dünýä ykdysadyýeti uly özgerişleriň bosagasynda dur. Täze ykdysady ugurlar emele gelýär. Olaryň biri hem sirkulýar ykdysadyýet bolup, sirkulýar ykdysadyýet serişdeleriň gaýtadan dikeldilmegine we galyndylaryň doly aýrylmagyna esaslanýan ykdysady model bolup durýar. Sirkulýar ykdysadyýet önümiň ömür dowamlylygyny uzaltmaga, galyndylary azaltmaga we serişdeleri täzeden ulanmaga gönükdirilen ulgamdyr. Adaty ykdysadyýetden tapawutlylykda, bu ýerde «galyndy» diýen düşünje ýokdur. Bir ulgamyň galyndysy beýleki bir önümçilik üçin çig mal bolup hyzmat edýär.

Şeýlelikde, häzirki zaman ykdysady ugurlarda maliýe sowatlylyk möhümdir.

**Aýnabat JÜMMIÝEWA,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň maliýe kafedrasynyň mugallym-öwrenijisi.*

# «GALKYNYŞ» GAZ KÄNI WE TÄZE ÖSÜŞ TAPGYRLARY

2026-njy ýylyň aprel aýy Türkmenistan bilen Hytaý Halk Respublikasynyň arasyndaky strategik hyzmatdaşlygyň taryhyna möhüm sahypa bolup ýazyldy. Hytaýyň Döwlet Geňeşiniň Premýeriniň birinji orunbasary Din Sýuesýanyň Türkmenistana amala aşyran resmi sapary diňe bir syýasy duşuşyklardan ybarat sapar bolman, eýsem, energiýa bazarynda täze başlangyçlaryň hem nyşany boldy.

HHR-iň Döwlet Geňeşiniň Premýeriniň birinji orunbasary Din Sýuesýanyň 15-17-nji aprel aralygyndaky sapary iki ýurduň arasyndaky ählumumy strategik hyzmatdaşlygyň durnuklydygyny görkezdi. Gepleşikler energetika, ulag-logistika we söwda-ykdysady gatnaşyklary has-da pugtalandyrmakdan ybarat boldy.



Bu sapar türkmen-hytaý gaz hyzmatdaşlygynyň 20 ýyllygy mynasybetli Mary welaýatynda geçirilen dabaralar bilen utgaşdy. «Galkynyş» gaz käni gorlary boýunça dünýäde iň uly gury ýer känleriniň biri hasaplanýar. Saparyň iň uly amaly netijesi «Galkynyş» känini özleşdirmegiň dördünji tapgyryna resmi taýdan badalga berilmegidir. «Türkmengaz» döwlet konserni we Hytaýyň CNPC korporasiýasy gaz käniniň dördünji tapgyrynyň özleşdirilmegi ugrunda tagalla eder. Bu diňe bir täze guýulary burawlamagy däl, eýsem, gazy kükürtden arassalaýan we gaýtadan işleýän döwrebap zawodlaryň gurluşygyny hem öz içine alýar.

Hytaýyň iri nebitgaz korporasiýasy iki döwletiň Baştutanlarynyň baştutanlygynda türkmen-hytaý energetika hyzmatdaşlygyny täze belentliklere çykarmak, şeýlelikde Hytaýyň we Türkmenistanyň bitewi ykbalynyň bileleşigini kemala getirmäge saldamly goşant goşmak üçin ähli tagallalary etmäge taýýardygyny tassyklaýar. Hytaýyň ykdysadyýetiniň durnukly ösmegi üçin tebigy gaz iň arassa we ygtybarly energiýa çeşmesi bolup durýar. «Galkynyş» gaz käniniň dördünji tapgyry gazyň çykarylyş möçberlerini artdyrmaga we ýurdumyzyň, ilkinji nobatda, Hytaý ugrunda eksport mümkinçiliklerini artdyrmaga gönükdirilendir. Ýylda goşmaça 10 milliard kub metr harytlyk gazy gaýtadan işlemäge mümkinçilik berýän desgalary döretmek göz öňünde tutulýar. Mundan başga-da, bu başlangyjyň durmuşa geçirilmegi täze iş orunlarynyň döredilmegine, ýangyç-energetika toplumynyň mümkinçilikleriniň giňeldilmegine hem-de Türkmenistan bilen Hytaýyň arasynda gaz pudagyndaky hyzmatdaşlygyň pugtalandyrylmagyna ýardam berer.

«Galkynyş» käniniň dördünji tapgyryny özleşdirmegiň taslamasyny öňe sürmekde ýokary standartlar, berk talaplar we yzygiderli kämilleşmek konsepsiýasyna eýeriler. Öňdebaryjy tehnologiýaly, birinji derejeli dolandyryşly, ekologiýa taýdan arassa we özara bähbitli desga dörediler. Şonuň bilen birlikde, energiýanyň täze çeşmeleri, nebiti gaýtadan işlemek we nebit-himiýa, inženerçilik hyzmatlary ulgamynda hyzmatdaşlygyň mümkinçilikleri öwreniler, nebit-gaz gözleg-barlag we çykaryş işlerinde, «ýaşyl» pes uglerodly ösüşde esasy tehnologiýalaryň çalşygy güýçlendiriler.

Umuman, «Galkynyş» känindäki täze tapgyryň düýbüniň tutulmagy, Hytaýyň Türkmenistany iň ygtybarly energiýa hyzmatdaşy hökmünde görýändigini subut etdi. Türkmenistan üçin bolsa, bu hyzmatdaşlyk diňe bir çig mal eksporty däl, eýsem, ýurduň Mary welaýatynyň we beýleki sebitleriniň senagat kuwwatyny döwrebaplaşdyrmaga mümkinçilik berýän tehnologik hyzmatdaşlykdyr.

**Begenç ANNAGURBANOW,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň mugallymy.*

# SAGLYGY GORAÝŞYŇ BELENT SEPGITLERI

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Munuň özi ýurdumyzda sagdyn durmuş ýörelgeleriniň berkidilmegi, adamlaryň, aýratyn-da, çagalaryň saglygyny goramak bilen baglanyşykly meseleleriň döwletimiziň hemişelik üns merkezinde saklanylmagynyň aýdyň miwesidir.



Saglygy goraýyş ulgamynda halkara hyzmatdaşlygyna hem aýratyn üns berilýär. Germaniýa, Russiýa, Hytaý ýaly ösen döwletleriň lukmançylyk edaralary, lukmançylyk ylmy ojaklary bilen işjeň gatnaşyklar ýola goýulýar. Muňa ýaňy-ýakynda Pekiniň hytaý lukmançylygy uniwersitetiniň wekiliýetiniň saparynyň dowamynda ýurdumyzyň baýry lukmançylyk bilim ojagynda Adaty däl lukmançylyk otagynyň açylmagy hem aýdyň subutnamadyr. Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň dikeldiş we sport lukmançylygy fakultetiniň binasynda täze açylan Adaty däl lukmançylyk otagy ýurdumyzda milli saglygy goraýyş ulgamynyň işini kämilleşdirmek babatda edilýän aladanyň aýdyň netijesidir. Milli lukmançylyk ulgamynda möhüm ähmiýeti bolan Adaty däl lukmançylyk otagy häzirki wagtda giňden ýaýran lukmançylyk ugurlarynyň biridir. Adaty däl lukmançylyk – bu häzirki zaman ylmy lukmançylygynyň çäklerinden daşary çykýan, köp asyrlyk tejribelere we tebigy usullara esaslanýan bejeriş ulgamydyr. Köp adamlar ony «halk lukmançylygy» diýip hem atlandyrýarlar. Adaty däl lukmançylyk gaty giň we dürlidir. Olaryň biri fitobejergi (ösümlikler otlary bilen bejermek) bolup, bu usul dermanlyk ösümlikleri arkaly dertlere derman tapmagy aňladýar. Güneşli Diýarymyzda bu ugurda Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltli kitaby lukmanlar üçin uly gollanmadyr.

Şeýle hem adaty däl lukmançylykda gündogar lukmançylygyndan gelen bu usul, bedeniň belli bir nokatlaryna ýörite iňňeleri sançmak arkaly energiýa akymyny kadalaşdyrmaga kömek edýän akupunktura (iňňe bilen bejergi) ugrudyr. Ol, esasan, nerw ulgamy we agyrylary aýyrmak üçin ulanylýar.

Umuman, hytaýly lukmanlaryň gatnaşmagynda häzirki döwürde Awstraliýada, Russiýada, ABŞ-da, Germaniýada Adaty däl lukmançylyk merkezleriniň açylmagy, bu sanawa Türkmenistanyň hem goşulmagy ýurdumyzda ynsan saglygyny goramaga, bejerişiň ähmiýetli ugurlaryny peýdalanmaga uly gyzyklanma bildirilýändiginiň subutnamasy bolup, türkmen-hytaý saglygy goraýyş ulgamyndaky hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine goşant goşýan möhüm wakalaryň biridir.

Türkmenistan Watanymyzda raýatlaryň eşretli, bagtyýar, sagdyn durmuşda ýaşamaklary, esasan hem, ýaş nesillerimiziň sagdyn kemala gelmekleri, berk bedenli, giň dünýägaraýyşly adamlar bolup ýetişmekleri babatda döredip berýän ähli şert-mümkinçilikleri üçin Gahryman Arkadagymyza we Arkadagly Gahryman Serdarymyza çäksiz alkyş aýdýarys.

**Jahangözel MUHAMMEDOWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň iç keselleriniň propedewtikasy kafedrasynyň mugallymy.*

## EDEBIÝAT. SUNGAT

*Nil Geýman: «Kitap siziň eliňizde saklap duran arzuwyňyzdyr».*

# Şekspiriň Londondaky öýüniň syry açyldy

XVII asyra degişli täze tapylan kartalar dünýä belli dramaturg William Şekspiriň Londonda ýaşan öýüniň anyk ýerini we gurluşyny ýüze çykardy. Londonyň Korollyk kollejiniň professory Lýusi Manronyň arhiw barlaglary netijesinde, ýazyjynyň 1613-nji ýylda satyn alan ýeke-täk jaýynyň anyk ölçegleri we ýerleşýän nokady ilkinji gezek tassyklanyldy. Bu açyş iňlis dramaturgynyň ömrüniň soňky ýyllarynda Londonda köp wagt ýaşandygyny we «Genrih VIII» ýaly soňky eserlerini hut şu ýerde ýazan bolmagynyň mümkindigini görkezýär.

London arhiwinden tapylan üç sany resminama esasynda ýüze çykarylan bu jaý «L» görnüşli bolup, ol ozalky dominikan monastyrynyň ýerinde - Blekfraýars etrabynda ýerleşipdir. Täze maglumatlar häzirki wagtda «St. Andrews Hill» köçesinde Şekspiriň hatyrasyna goýlan gök reňkli ýadygärlik tagtanyň duran nokadynda onuň jaýynyň ýerleşendigini subut etdi. Bu ýer ýazyjynyň işlän «Blekfraýars» teatryndan bary-ýogy pyýada bäş minutlyk ýolda ýerleşýär.

Şekspir bu jaýy satyn alandan üç ýyl soň, 1616-njy ýylda 52 ýaşynda dogduk mekany Stratfordin-Eýwonda aradan çykýar. Onuň Londondaky mülki bolsa 1665-nji ýylda agtygy tarapyndan satylýar. Şekspiriň bu jaýda özi ýaşadymy ýa-da ony kärendesine berdimi diňe çaklama bolup galsa-da, täze tapyndylar Beýik Britaniýanyň paýtagtynda dramaturgyň yzlaryny anyklamakda iň uly ädimleriň biri boldy.

**Maral ANNABERDIÝEWA,**
*Änew şäherindäki 1-nji orta mekdebiň mugallymy.*

*Aleksandr Kuprin, rus ýazyjysy.*

# ÖÝDEN GELEN HAT

(Hekaýa)

Ýaş Pawel täze durmuşa gadam basmak we bilim almak maksady bilen dogduk mekanyndan uly şähere ugrady. Onuň kalby belent umytlar we arzuwlar bilen doludy. Ilkibada şäher özüniň täzeligi, şowhuny we çäksiz mümkinçilikleri bilen ony bütinleý özüne bendi etdi. Pawel tiz wagtda täze dostlaryny tapdy, okuwyna gyzykdy, işe durdy. Günler biri-birini çalşyp, duýdansyz geçip gidýärdi. Wagtyň geçmegi bilen Paweliň öýi we ata-enesi baradaky pikirleri hem kem-kemden seýrekläp başlady. Ol ene-atasyna öz üstünliklerini, täze meýilnamalaryny beýan edýän gysga we seýrek hatlary ýazýardy, emma olaryň saglygy ýa-da bagdaky işleri barada soraýyn diýen pikir kellesine-de gelmeýärdi.

Bir gün Pawel möhüm synaga taýýarlanyp otyrka, hat geldi. Bukjadaky el ýazuwy gaty tanyşdy, bu hat ejesiniňkidi. Bukja könelip, eýläk-beýläk eplenipdir; edil uzak ýol söküp gelen ýalydy. Pawel ony häzir däl-de, soňrak – boş wagtym okaryn diýen niýet bilen bir gyra goýdy. Emma ýüregi nämedir bir zady syzýan ýaly, aram tapmaýardy.

Synag üstünlikli geçdi. Agşam ýadaw bolsa-da, keýpikök Pawel haty okamak kararyna geldi. Ol bukjany açyp, içinden arassa, emma saňňyldaýan el ýazuwy bilen ýazylan sahypalary çykardy. Ejesi kakasy bilen birlikde Paweli nähili küýseýändikleri barada ýazypdy. Ol obadaky durmuşyň nähili geçýändigini: almalaryň bol hasyl berendigi, goňşynyň sygrynyň göleländigi, kakasynyň ammarlaryň üçeklerini nähili bejerendigi barada giňişleýin beýan edipdir. Emma bu ýönekeýje oba durmuşynyň jikme-jiklikleriniň aňyrsynda çäksiz, päkize söýgi we alada görnüp durdy.

«Pawluşa, oglum», diýip, ejesi ýazypdyr. «Biz seniň üçin her gün ýagşy dileg edýäris. Özüňe gowy seret. Kakaň gaty garrapdyr, ýagyrnysy agyrýar, ýöne ol entegem goňşulara kömek etmek üçin meýdana gidýär. Men bolsa, äýnegimi ýitiräýdim öýdýän, hiç zady tapyp bilemok. Küýseýäris, oglum, seni gaty küýseýäris».

Hatyň soňunda kakasynyň başga bir el ýazuwy bilen goşan birnäçe setiri bardy: «Oglum, kynçylyk düşse çekinme-de, ýaz. Hemişe elimizden gelen kömegi ederis. Biziň gapymyzyň seniň üçin islendik wagt açykdygyny unutma».

Pawel haty okadygyça, şäheriň şowhuny, täze tanyşlary we belent arzuwlary – bularyň hemmesi birden gaty uzak we ähmiýetsiz bolup göründi. Ol garry ata-enesini, olaryň zähmetkeş ellerini, umytdan doly gözlerini göz öňüne getirdi. Kakasynyň balyk tutmagy öwredişini, ejesiniň çagaka aýdyp beren hüwdülerini ýatlady. Ol şol pursat üstünligiň ugrunda gezip ýörşüne, iň esasy zady – öz köklerini, ömür berenleri we hemişe daýanç bolanlary unudandygyna düşündi.

Onuň gözlerine ýaş aýlandy. Uzak wagtdan bäri ilkinji gezek ol öýlerini, ýönekeýje oba durmuşyny şeýle bir küýsedi. Ata-enesiniň söýgüsiniň hiç hili öwez talap etmeýändigine, onuň edil dem alýan howasy ýaly tebigy we hemişelikdigine göz ýetirdi.

Pawel derrew kagyz-galam alyp, öýlerine uzyn hat ýazdy. Bu gezek ol öz üstünlikleri barada gürrüň bermän, kakasynyň saglygy, ejesiniň äýnegi, bagdaky almalar barada sorady. Dynç alyşda hökman barjakdygyny, kakasyna meýdanda kömek edip, ejesiniň ýanynda oturjakdygyny söz berdi.

Şol günden başlap, Pawel öýlerine yzygiderli hat ýazyp ugrady. Ol dünýädäki hiç bir şöhratyň we üstünligiň ene-atasynyň mähriniň, olaryň çäksiz söýgüsiniň ýerini dolup bilmejekdigine göz ýetirdi. Pawel ata-enesini diňe bir dünýä getireni üçin däl, eýsem, olaryň sabyrlylygy, ynamy, tükeniksiz mähri üçin hem gymmat saýmagy öwrendi. Ol ene-ata bilen hakyky baglanyşygyň diňe bir ýatlamalar däl-de, eýsem, dowamly alada we minnetdarlykdygyna hem düşündi.

**Terjime eden Aknur SAPARMYRADOWA,**
*Türkmen oba hojalyk institutynyň talyby.*

# Empedoklyň iki müň ýyllyk golýazmasy tapyldy

Lýež uniwersitetiniň barlagçysy Natan Karlig Kairdäki Fransuz gündogar arheologiýa institutynyň arhiwinden gadymy grek pelsepeçisi Empedokla degişli täze golýazma böleklerini ýüze çykardy. Takmynan, iki müň ýyllyk taryhy bolan bu tapyndy antik döwrüň iň täsirli eserleriniň biri hasaplanýan «Fizika» atly filosofiki poemanyň ozal nämälim bolan 30 setirini öz içine alýar. Bu açyş ylym dünýäsi üçin aýratyn ähmiýete eýedir, sebäbi biziň eýýamymyzdan öňki V asyrda ýaşap geçen pelsepeçiniň garaýyşlary şu wagta çenli diňe beýleki antik awtorlaryň sitatalary arkaly mälimdi.

«P.Fouad inv.218» belgili papirusyň üstünde alnyp barlan birnäçe ýyllyk ylmy derňewler bu tekstiň Empedoklyň öz sözleriniň gönüden-göni ilkinji subutnamasydygyny tassyklady. Täze tapylan setirler, esasan, görüş teoriýasyna we maddy obýektleriň özara täsirine bagyşlanypdyr. Empedoklyň maddy obýektleriň ownuk bölejikleri goýberýändigi baradaky çaklamalary kabul ediş baradaky ilkinji materialistik nazaryýetleriň biri hasaplanýar.

Barlagçylaryň bellemegine görä, bu tapyndy antik döwrüň soňky oýlanmalaryna, esasan, Demokritiň irki atomistik taglymatynyň ösmegine uly täsir edipdir. Dünýäniň dört başlangyçdan – toprakdan, suwdan, howadan we otdan ybaratdygy baradaky taglymatyň awtory bolan Empedoklyň bu täze teksti terjimesi we düşündirişleri bilen bilelikde «L'Empédocle du Caire» neşirinde köpçülige ýetirildi.

**Maýa AKMÄMMEDOWA,**
*Aşgabat şäher Medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň direktorynyň orunbasary.*

# «AK AT» AK MENZILLERDE




20-nji aprelde Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Baş akademiki drama teatrynyň sahnasy özboluşly sungat älemine öwrüldi. Bu ýerde türkmen kinosynyň we edebiýatynyň ägirdi, ussat aktýor, kinorežissýor we ýazyjy Baba Annanowyň 1980-nji ýyllarda ýazan «Ak at» pýesasy esasynda sahnalaşdyrylan spektaklyň ilkinji gezek gözden geçirilişi boldy. Bellenilişi ýaly, ýazyjy Baba Annanow bütin ömrüniň dowamynda dostlugyň nyşany bolan bedew atlara aýratyn söýgi beslän ynsandyr.

Režissýor Mekan Jumabaýewiň döredijilikli çemeleşişi bilen täzeden işlenen bu sahna eseri diňe bir gözden geçiriliş däl, eýsem, adamyň içki dünýäsini lerzana getirýän, kalbyň iň inçe tarlaryna kakýan hakyky sungat wakasyna öwrüldi. Mekan Jumabaýewiň täzeçe garaýşynda eseriň ruhy doly saklanyp, «Ak at» şekilli dagdan tumaryň töwereginde jemlenýän syrly ykbal çözgütleri tomaşaçyny biparh goýmaýar. Gözden geçiriliş dabarasynda ýurdumyzyň sungat işgärleri, ýazyjylar, žurnalistler we teatr muşdaklary spektaklyň begençli hem-de gynançly pursatlaryna bilelikde şaýat boldular. Spektaklyň ilkinji gözden geçirilişinde bu sahna eseri emin agzalarynyň ýokary bahasyna mynasyp boldy.

Eseriň baş keşplerini janlandyran teatryň ussat aktrisalary Maýagül Annaýewa (Jemal) we Gülälek Akmyradowa (Nazyra) özlerine ynanylan keşpleri diňe bir ýerine ýetirmän, sahnada hakyky ynsan ykbalyny ýaşadylar. Maýagül Annaýewa perzendini ýitiren enäniň ýürek sarsgynyny we on sekiz ýyllyk hasratyny her bir bakyşynda, her bir sözünde tomaşaçynyň kalbyna ýetirmegi başaran bolsa, Gülälek Akmyradowa mähir berip perzendini ulaldan enäniň içki dünýäsini hem-de wepalylyk nusgasyny täsin bir ussatlyk bilen açyp görkezdi. Bu iki ussat aktrisanyň sahnadaky sazlaşykly oýny spektaklyň şowly çykmagynyň esasyny düzdi diýsek, ýerine düşer.

1948-nji ýylyň aýylganç Aşgabat ýertitremesinde perzendini ýitiren türkmen enesi Jemal bilen şol bäbegi ölümiň penjesinden alyp, 18 ýyşyna ýetýänçä ösdürip kemala getiren özbek enesi Nazyranyň arasyndaky dartgynly wakalar tomaşaçylary kä gynandyrýar, kä agladýar, käte bolsa uly sabyrlylygyň we mähriň güýjüne haýran galdyrýar. Nazyranyň: «Näme üçin biriniň bagtly bolmagy üçin başga biri betbagtçylyga uçramalyka?» diýen pelsepewi sowaly tomaşaçyny çuňňur oýa batyrýar. Alyşiriň keşbinde çykyş eden Begenç Garlyýewiň sahnada gahrymanyň içki dünýäsini açyp görkezişi bolsa, oýnuň iň şowly taraplarynyň biri bolupdyr.

Spektaklyň şowly çykmagynda perde arkasyndaky ussatlaryň hem uly paýy bar. Kompozitor Röwşen Nepesowyň wakalaryň ruhuna laýyk sazlary, Magtymguly Saparowyň saz bezegi hem-de Perhat Goşaýewiň jüpüne düşen yşyk tilsimleri eseriň täsirliligini has-da güýçlendirýär. Dizaýner Güljemal Saparowa tarapyndan gurnalan sahna bezegleri bolsa tomaşaçyny bir pursatda 1948-nji ýylyň şol gorkuly gijesine, başga bir pursatda bolsa Daşkendiň asuda howlusyna alyp gitmegi başarýar. Mahlasy, režissýor Mekan Jumabaýew eseriň ideýasyny we ruhuny doly gorap saklamak bilen bir wagtda, gahrymanlaryň içki dartgynlygyndan başlap, adaty hereketlerine çenli ynandyryjy janlandyrmagyň hötdesinden gelipdir. «Ak at» diňe bir drama däl, eýsem, dürli žanrlaryň birleşmesinden emele gelen, sabyrlylygy we ene mukaddesligini dabaralandyrýan täsin dünýädir.

Netijede, ýurdumyzyň Baş akademiki drama teatrynyň döredijilik topary teatr durmuşymyzy has-da baýlaşdyrýan täze eseri peşgeş berdi. Sahna oýnunyň soňunda tomaşaçylaryň ýüzündäki tolgunmalar we kalplaryndaky duýgular Baba Annanowyň döredijilik mirasynyň bakydygyny we bu eseriň her bir ynsan üçin uly durmuş sapagydygyny ýene bir gezek subut edýär. Bu gözden geçiriliş režissýordyr artistleriň ukyp-başarnygyny täze belentliklere çykaryp, teatr sungatynyň gerimini has-da giňeltdi diýip, şübhesiz aýdyp bolar.



## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

### gysga setirlerde

► **Dirižablyň rekord uçuşy.** «Sceye» kompaniýasynyň SE2 dirižably stratosferada 12 günde 10 müň 300 kilometr ýol geçip, durnukly aragatnaşygy üpjün etdi. Gün panelleri bilen işleýän 82 metrlik enjam 15 müň 800 metr belentlikde aragatnaşyk toruny durnukly saklamagy başardy. Bu täze platforma Ýaponiýada täjirçilik maksatly ulanylyp, adatdan daşary ýagdaýlarda we uzak sebitlerde internet üpjünçiligini ýola goýar.



► **Iň uzyn tramwaý ugry açyldy.** Moskwada uzynlygy 33 kilometre barabar bolan dünýäniň iň uzyn diametral tramwaý ugry (T2) ulanylyşa girizildi. Şäheriň 13 etrabyny baglanyşdyrýan täze liniýa 2 milliondan gowrak ýaşaýja 31 metro stansiýasyna we 4 sany demir ýol menziline aňsat barmaga mümkinçilik döredýär. Bu ugurda 51 sany döwrebap tramwaý her 3-6 minutdan gatnap, ýoluň käbir böleklerini ýörite energiýa arkaly simsiz geçýär.



► **Antarktidada täze dünýä rekordy.** Hytaýyň 42-nji ekspedisiýasy Antarktidanyň Silin kölüniň sebitinde gyzgyn suw bilen burawlamak arkaly 3413 metr çuňluga ýetip, dünýä rekordyny täzeledi. Ekologiýa taýdan arassa tehnologiýa ekoulgamy hapalamazdan, 3 kilometrlik buz gatlagynyň astyndaky suw we çökündi nusgalaryny almaga mümkinçilik berýär. Şeýlelikde, Hytaý polýar sebitlerde gözleg geçirmäge mümkinçilik gazanyp, howa üýtgeşmelerini öwrenmekde täze döwür açdy.



► **2300 ýyllyk grek şaýylygy tapyldy.** Berlinde 13 ýaşly mekdep okuwçysy miladydan öňki III asyra degişli seýrek duş gelýän bürünç şaýylygy tapdy. Ilionda zikgelenen we Afina hudaýynyň keşbi şekillendirilen bu tapyndy Berliniň taryhynda ilkinji gadymy grek şaýylygydyr. Agramy 7 gram bolan bu gymmatlyk häzirki wagtda PETRI arheologiýa merkezinde saklanýar.



► **Bäsleşigiň ýeňijileri belli boldy.** Dünýäniň 200-den gowrak ýurdundan 430 müňden gowrak işiň gatnaşmagynda geçirilen abraýly «Sony World Photography Awards» bäsleşiginde meksikaly Sitlali Fabian «Ýylyň fotografy» diýlip mälim edildi. Ol «Bilýa: uýalarymyň taryhy» atly tapgyrynda ýerli zenanlaryň durmuşyny we jemgyýetdäki ornuny täsirli şekillendirdi. Ýeňijileriň işleri 17-nji aprelden 4-nji maýa çenli Londonda köpçülige görkezilýär.



► **Emir Teýmiriň hormatyna şaýylyklar.** Özbegistanyň Merkezi banky Emir Teýmiriň 690 ýyllygy mynasybetli 999,9 probaly altyn we kümüş ýadygärlik pullaryny dolanyşyga goýberdi. Agramy 31,1 gram bolan altyn şaýylyklaryň bahasy 61,4 million som, kümüş pullaryňky bolsa 1,9 million som möçberinde bellenildi. Täze şaýylyklar aýratynlykda we sowgatlyk toplumlary görnüşinde satuwa çykaryldy.



► **Jeddah Tower 100-nji gata ýetdi.** Saud Arabystanynda beýikligi bir kilometrden aşjak dünýäniň iň beýik binasynyň gurluşygy 100-nji gata (402 metr) ýetdi. Geçen ýyl gaýtadan dikeldilen taslamanyň gurluşyk işlerini 2028-nji ýylyň awgustyna çenli doly tamamlamak meýilleşdirilýär. Bu ägirt desga ýurduň täze ykdysady we syýahatçylyk merkezi bolar. Gyzyl deňziň kenarynda ýerleşýän bina häzirki «Burj Halifadan» hem beýik bolup, dünýä rekordyny täzelär.



## TARYHDA ŞU GÜN

**1800-nji ýylyň 24-nji aprelinde ABŞ-nyň Prezidenti Jon Adams Kongres kitaphanasyny döretmek baradaky karara gol çekýär. Täze medeni ojagyň başlangyç kitap goruny döretmek üçin döwlet gaznasyndan 5 müň dollar möçberinde serişde bölünip berilýär. Bu başlangyç ABŞ-nyň iň iri intellektual gaznasynyň binýadyny goýdy we döwlet işgärleri üçin bilim çeşmesine öwrüldi. Şeýlelikde, kitaphana ýurduň täze paýtagty Waşingtonyň intellektual merkezine öwrülýär.**



# Parahatçylyk barada çykyş

**18-nji aprelde Rim papasy Lew XIV Afrika yklymyna amala aşyran dostlukly saparynyň çäginde Angola Respublikasyna bardy. Saparyň dowamynda belent mertebeli myhman Angolanyň Prezidenti Žuan Lourensu bilen duşuşyp, ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň we halkara parahatçylygyň möhüm meselelerini ara alyp maslahatlaşdy. Duşuşykda taraplar dünýäde durnuklylygy üpjün etmekde ruhy gymmatlyklaryň ähmiýetini nygtadylar.**

**Papa Lew XIV Luanda şäheriniň golaýyndaky mukaddes ýerleriň birine baryp, bu ýerde guralan dabaraly çärede halky agzybirlige, dostluga we umumy abadançylyga çagyrdy. Ol çykyşynda ýurtlaryň ösüşine we halklaryň bagtyýar durmuşyna gönükdirilen asylly maksatlaryň ähmiýeti barada durup geçdi. Şeýle-de, dünýäniň dürli künjeklerinde parahatçylykly dialogyň dabaralanmalydygyny belledi.**

**Prezident Žuan Lourensu öz gezeginde, belent mertebeli myhmana dünýäde parahatçylygy we özara düşünişmegi berkitmekde bitirýän uly hyzmatlary üçin minnetdarlyk bildirdi. Saparyň dowamynda bellenilip geçilişi ýaly, halklaryň ruhy medeniýetini gorap saklamak we jemgyýetçilik agzybirligini berkitmek häzirki zamanyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar.**



**Rim papasynyň 13-nji aprelde başlan 11 günlük Afrika sapary 24-nji aprele çenli dowam etdi.**

# HYZMATDAŞLYK BERKIDILÝÄR

Ispaniýanyň Premýer-ministri Pedro Sançes bilen Braziliýanyň Prezidenti Luiz Inasiu Lula da Silwanyň arasynda geçirilen gepleşikleriň netijesinde, parahatçylygy durnuklaşdyrmak we halkara gatnaşyklary berkitmek barada ylalaşyldy. Gepleşikleriň dowamynda taraplar ählumumy durnuklylygy üpjün etmek we durmuş-ykdysady ösüşi ilerletmek meselelerine aýratyn üns berdiler. Ispaniýa we Braziliýa Ýewropa Bileleşigi bilen Latyn Amerikasynyň arasyndaky gatnaşyklary ysnyşdyrmakda esasy «hereketlendiriji güýç» bolup çykyş etmegi maksat edinýär. Braziliýanyň döwlet Baştutanynyň Ispaniýa bolan saparynyň çäginde taraplar ylym, innowasiýalar, tehnologiýalar, medeniýet, bilim alyş-çalşygy, ynsanperwer ugurda hyzmatdaşlyk hem-de ykdysady we maýa goýum taslamalary ýaly dürli ugurlar boýunça 10-dan gowrak möhüm ylalaşyga gol çekdiler.

Gepleşikleriň dowamynda dünýädäki geosyýasy dartgynlylygyň artmagy bilen bagly meseleler hem jikme-jik ara alnyp maslahatlaşyldy. Iki ýurduň liderleri halkara hukugynyň kämilleşdirilmegini we parahatçylyk söýüjilikli diplomatiýanyň ähmiýetini nygtadylar. Prezident Lula da Silwa häzirki wagtda dünýäde hyzmatdaşlygyň we dialogyň zerurdygyny belläp, parahatçylyga gönükdirilen çäreleri goldaýandygyny bildirdi. Şunuň bilen birlikde, liderler halkara ykdysadyýetine, aýratyn-da energiýa serişdeleriniň nyrhlaryna ýaramaz täsir edýän ýagdaýlary ara alyp maslahatlaşdylar. Ispaniýanyň hökümet Baştutany Pedro Sançes häzirki zaman dünýäde parahatçylygyň we halkara hyzmatdaşlygyň bähbidine bilelikde hereket etmegiň wajypdygyny belledi. Taraplar halkara giňişlikde parahatçylygy we ynanyşmagy durnuklaşdyrmak ugrunda tagalla edýän ähli halkara guramalary hem-de abraýly şahsyýetleriň parahatçylyk söýüjilikli başlangyçlaryny goldaýandyklaryny tassykladylar.



# Geljegiň sport şäheri gurulýar

Saud Arabystanynyň paýtagty Er-Riýadyň golaýynda gurulýan ägirt uly «Qiddiya City» taslamasynyň çäginde halkara derejeli täze awtodrom we atçylyk sport toplumy peýda bolar. 2034-nji ýylda ulanmaga berilmegi meýilleşdirilýän bu äpet şäher diňe bir sport merkezi bolman, eýsem, dünýäniň iň döwrebap ýaşaýyş, dynç alyş we syýahatçylyk nokadyna öwrüler. Parižden üç esse uly boljak bu şäherçede «Formula-1» ýaryşlaryny kabul etjek 70 metrlik «Blade» aýlawy bolan «Speed Park» awtosport toplumy gurlar. Ýaryş ýoluna açylýan ýaşaýyş binalary, şol sanda 89 otagly bäş ýyldyzly «Sports Car Hotel» we 168 otagly «F1 Overlook Hotel» myhmanhanalary muşdaklara ýaryşlary hut öz otaglaryndan synlamaga mümkinçilik berer.

Şol bir wagtyň özünde, taslamanyň çäginde halkara ülňülerine laýyk gelýän täze atçylyk toplumy hem gurulýar. Bu ýerde sebitde ilkinji gezek atlaryň diňe göni ugra çapmagy üçin niýetlenen bir millik otly ýoda, şeýle hem umumy uzynlygy 2200-2400 metr bolan dürli örtükli aýlawlar bolar. Geljekde dünýäniň iň gymmat baýrakly (20 million amerikan dollary) at çapyşygy bolan «Saudi Cup» hem hut şu ýerde geçiriler. 21 müň tomaşaça niýetlenen münberleri, «Michelin» ýyldyzly aşpezleriň hyzmat edýän restoranlary we dünýä derejeli atçylyk klinikasy bolan bu toplum ýylyň bütin dowamynda hyzmat eder. «Qiddiya Investment Company» kompaniýasynyň ýolbaşçysy Abdulla Aldauudyň belleýşi ýaly, bu täsin şäher sportuň, medeniýetiň we häzirki zaman şäher gurluşygynyň birleşýän nokady bolup, halkara sport dünýäsinde täze standartlary kesgitlär.



# Rumen Radew ýeňiş gazandy

Bolgariýada geçirilen möhletinden öňki parlament saýlawlarynyň gutarnykly netijeleri boýunça ýurduň ozalky Prezidenti Rumen Radewiň ýolbaşçylygyndaky «Progresiw Bolgariýa» koalisiýasy sesleriň 44,59 göterimini alyp, ynamly ýeňiş gazandy. Saýlawçylaryň 43,4 göteriminiň gatnaşmagynda geçen bu syýasy çärede Radewiň koalisiýasy iň ýakyn bäsdeşi bolan GERB partiýasyndan üç esse diýen ýaly artyk ses almagy başardy. Bu netije ýeňiji bolan syýasy güýje parlamentde 131 mandat almaga we täze hökümeti ýeke özi (absolýut köplük) gurmaga doly mümkinçilik berýär.

Häzirki wagtda täze hökümetiň düzümini we ileri tutulýan ugurlaryny kesgitlemek boýunça işler alnyp barylýar. Rumen Radew täze hökümetiň işinde döwlet dolanyşygyny kämilleşdirmegi we halkara gatnaşyklarda deňhukukly hyzmatdaşlygy ösdürmegi esasy maksat edinýändigini tassyklady. Täze döredijek hökümetiň düzüminde döwletliligi pugtalandyrjak we halkyň bähbitlerini gorajak tejribeli hünärmenleriň jemlenmegine garaşylýar. Şeýle-de, täze syýasy ugruň ýurduň ykdysady durnuklylygyny üpjün etmekde möhüm orun tutjakdygy bellenilýär.

Bu saýlawlaryň netijeleri diňe bir Bolgariýa üçin däl, eýsem, sebit durnuklylygy we halkara hyzmatdaşlygy üçin hem möhüm ähmiýete eýedir. Tejribeli harby uçurman bolan Rumen Radew parahatçylygy durnukly saklamagyň we ähli döwletler bilen özara bähbitli, ylalaşykly gatnaşyklary alyp barmagyň möhümdigini nygtaýar. Täze hökümetiň işiniň dünýäde parahatçylyk söýüjilikli ýörelgelere we halkara gatnaşyklarda özara hormat goýmak esasyndaky dialogyň ösdürilmegine goşant goşjakdygy bellenilip geçilýär.



# ANTALÝADA HALKARA DIPLOMATIK FORUMY GEÇIRILDI

Türkiýe Respublikasynyň Antalýa şäherinde 17-19-njy aprelde «Geljegi meýilleşdirmek, näbellilikleri dolandyrmak» şygary astynda bäşinji Antalýa diplomatik forumy (ADF2026) geçirildi. Bu abraýly çärä dünýäniň 150 ýurdundan we 66 halkara guramasyndan jemi 6 müň 400-den gowrak wekil, şol sanda 23 döwlet we hökümet Baştutany, köp sanly ministrler hem-de bilermenler gatnaşdy. Forumyň çäginde dünýä diplomatiýasynyň möhüm meseleleri, sebitleýin durnuklylyk we ykdysady hyzmatdaşlyk barada giňişleýin pikir alşyldy.

Türkiýäniň daşary işler ministri Hakan Fidanyň jemleýji metbugat maslahatynda bellemegine görä, üç günüň dowamynda geçirilen 52 sany dürli derejeli sessiýalarda häzirki çökgünlikleriň öňüni almak we ählumumy howpsuzlygy berkitmek meselelerine garaldy. Forumyň dowamynda sebit döwletleriniň öz meselelerini özbaşdak we agzybir çözmeginiň ähmiýeti nygtaldy. Şeýle-de sebitde parahatçylygy dikeltmek maksady bilen, dürli ugurlar boýunça amala aşyrylýan diplomatik tagallalar, şol sanda ulag we energetika geçelgelerini ösdürmek arkaly ykdysady durnuklylygy üpjün etmegiň mümkinçilikleri ara alyp maslahatlaşyldy.




Forumda esasy üns halkara gatnaşyklardaky durnuklylyga, ynsanperwerlik meselelerine we döwletler arasyndaky özara düşünişmäniň güýçlendirilmegine gönükdirildi. Hususan-da, söwda we energetika howpsuzlygy üçin strategik ähmiýetli ulag ýollarynyň, täze demir ýol hem-de gury ýer geçelgeleriniň gurluşygynyň sebitara integrasiýasyna goşjak goşandy barada durlup geçildi. Çykyşlarda parahatçylykly dialogyň we gepleşikleriň islendik gapma-garşylygy çözmegiň ýeke-täk we netijeli ýoludygy ýene bir gezek tassyklanyldy. Gatnaşyjylar bu çäräniň ählumumy parahatçylyga we durnukly ösüşe hyzmat edýän möhüm meýdançadygyny bellediler.

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri Raşid Meredowyň ýolbaşçylygyndaky wekiliýet ýurdumyza wekilçilik edip, bu foruma gatnaşdy.

# Merilin Monro bagyşlanan sergi

**Golliwudyň ady rowaýata öwrülen ýyldyzy Merilin Monronyň ömrüne we baý mirasyna bagyşlanan «Marilyn Monroe: Hollywood Icon» atly sergi 31-nji maýda Los-Anjelesdäki Kinematografiýa akademiýasynyň muzeýinde açylar. Nýu-Ýorkuň meşhur «Waldorf Astoria» myhmanhanasynda deslapky görkezilişi bolan bu gymmatly ekspozisiýa kolleksiýaçy Braýan Jonsa degişli bolup, aktrisanyň şahsy goşlaryny, resminamalaryny, fotosuratlaryny we seýrek tapyndylary jemleýär.**

**Serginiň iň üýtgeşik eksponatlarynyň biri aktrisanyň 1962-nji ýylyň awgustynda – ömrüniň iň soňky günlerinde gol çeken iň soňky çegidir. Brentwuddaky ilkinji hususy jaýyna mebel getirtmek üçin ýazylan bu resminamadaky gol, hünärmenleriň pikiriçe, Monronyň şol wagt geljege uly meýilnamalar we umytlar bilen ýaşandygyny subut edýär. Şeýle-de ýygyndyda aktrisanyň 1962-nji ýylda «Madison Square Garden»-de Prezident Jon Kennediniň doglan gününde eden taryhy çykyşy bilen baglanyşykly ýadygärlikler, şol sanda bäş sany myhmany üçin petek satyn alandygyny görkezýän golýazma haty hem bar.**



**Eksponatlaryň arasynda aktrisanyň döredijilik dünýäsini we şahsy isleglerini açyp görkezýän Italiýanyň «Pucci» moda öýüniň lybaslary, ýörite taýýarlanan geýimleri we öz keşbiniň üstünde sagatlap işleýän otagyndaky meşhur aýnasy aýratyn orun eýeleýär.**

**Bu sergi ýyldyzyň hakyky ady (Norma Jin) bilen sahnadaky adynyň (Merilin Monro) arasyndaky tapawudy açyp görkezip, onuň gizlin dünýäsine aralaşmaga mümkinçilik berýär.**

# IŇ OWADAN DEMIR ÝOL UGURLARY

«InsureandGo» ätiýaçlandyryş kompaniýasynyň geçiren täze ylmy barlagy, Ýaponiýanyň «Sagano Romantic Train» ugruny dünýäniň iň täsirli demir ýoly diýip yglan etdi. Adamyň gözüniň hereketini yzarlaýan ýörite tehnologiýanyň kömegi bilen geçirilen bu barlagda syýahatçylaryň haýsy manzarlara has köp we çalt üns berýändigi seljerildi. Sanawyň birinji ornunda duran ýapon otlusy Kiotodaky meşhur bambuk tokaýlyklarynyň we Hodzu derýasynyň boýy bilen geçýär. Bary-ýogy 25 minut dowam edýän bu gysga syýahat, aýratyn-da sakuranyň gül açýan we güýz paslynyň reňbe-reň günlerinde dünýäniň iň gelim-gidimli ýerine öwrülýär.



Sanawyň ilkinji bäşligine Ýewropadan üç sany ugur girmegi başardy. Ikinji orunda Alp daglarynyň ajaýyplyklaryny açyp görkezýän, Şweýsariýa bilen Italiýany birleşdirýän «Bernina Express» durýar. Şeýle hem dünýäniň «iň haýal ekssperesi» hasaplanýan Şweýsariýanyň «Glacier Express» ugry we «Garri Potter» filmi arkaly meşhurlyk gazanan Şotlandiýanyň «West Highland Line» ýoly iň gözel ugurlaryň hatarynda görkezildi. Şotlandiýanyň bu demir ýoly syýahatçylary «Hogwarts Express» otlusynyň geçen Glenfinnan wiadugyndan aşyryp, täsin tebigy gözellikleriň içine alyp gidýär.

Sanawyň bäşinji ornuny bolsa Hytaý Taýpeýiniň «Alishan Forest Railway» dag demir ýoly eýeledi. Deňiz derejesinden 2 müň metrden gowrak belentlige galýan bu gyzyl otly syýahatçylara üç sany dürli tebigy zolagyň we ajaýyp çaý meýdanlarynyň üsti bilen geçmäge mümkinçilik berýär. Bularyň arasynda Hytaý Taýpeýi demir ýolunyň Günüň dogşuny synlamak üçin iň amatly nokatdygy bellenilýär.

# Oba syýahatçylygynyň meşhur ugurlary

«Airbnb» platformasynyň seljermelerine görä, häzirki wagtda syýahatçylaryň, aýratyn-da «Z» nesliniň (1997-nji ýyldan soňra doglanlar) wekilleriniň arasynda Italiýa, Fransiýa, Ispaniýa we Germaniýa ýaly ýurtlaryň oba ýerlerine bolan isleg çalt depginlerde artýar. Adaty syýahatçylyk nokatlaryndan daşlaşyp, täze we näbelli ýerleri gözleýänler üçin Ispaniýanyň Alikante welaýatyndaky XVIII asyryň gowak-öýleri bilen meşhur Rohales şäherçesi, şeýle hem Fransiýanyň «Wogezleriň merjeni» diýlip atlandyrylýan Žerarme şäherçesi iň gelim-gidimli ýerleriň hataryna girdi. Bu ýerlerde syýahatçylar taryhy ýadygärlikler bilen tanyşmakdan başga-da, kölleriň kenarynda gezelenç etmek we dag ýodalarynda sport bilen meşgullanmak mümkinçiligini tapýarlar.



Germaniýanyň Braunlage dag-şypahana merkezi we Italiýanyň Brikson hem-de Arko şäherçeleri hem iň gyzykly ugurlaryň sanawyna goşuldy. Braunlage tomusda pyýada gezelenç we dag welosiped sporty, gyşda bolsa lyžada typmak üçin amatly şertleri hödürleýän bolsa, Italiýanyň demirgazygyndaky Bressanone (Brikson) şäherçesi özüniň gadymy merkezi we ÝUNESKO-nyň sanawyna giren Dolomit Alp daglaryna açylýan görnüşleri bilen tapawutlanýar. Garda kölüniň golaýyndaky Arko şäherçesi bolsa orta asyr galalaryna we dag ýodalaryna syýahat etmek isleýänler üçin iň oňat «gizlin hazynalaryň» biri hasaplanýar. Bu ýerleriň meşhurlygynyň sebäbi – häzirki zaman syýahatçylarynyň köpçülikleýin barylýan ýerlerden uzaklaşyp, has ümsüm we özboluşly oba künjeklerini saýlap alýandygyndadyr.

# WELOSIPEDIŇ KÖP SÜRÜLÝÄN ŞÄHERLERI

**1800-nji ýyllarda oýlanylyp tapylan welosiped häzirki wagtda iň köp ulanylýan ulag serişdeleriniň biri hasaplanýar. Iki tigirli ulagyň önümçiligi 1960-njy ýyllarda has ösüp, bütin dünýäde meşhur bolup başlaýar. Maglumatlara görä, her ýyl dünýäde 100-130 milliona çenli welosiped öndürilýär. Ýer ýüzünde 1 milliarddan gowrak iki tigirli ulagyň bardygy aýdylýar (deňeşdirmek üçin, dünýäde 1,5 milliarddan gowrak ýeňil awtoulag, 600-700 million motosikl bar). Welosiped önümçiliginde Hytaý, Hindistan, Ýewropa Bileleşigi ýurtlary we Ýaponiýa öňdeligi eýeleýär. Soňky ýyllarda şäherleriň köpüsinde welosipedçiler üçin ýörite ýollar gurlup, düzgünler güýje girizilýär. Welosiped sürmek, ýagny welosipedli işe ýa-da okuwa gatnamak şäherde howanyň hapalanmagynyň öňüni almak bilen bir hatarda, saglygyňy berkitmäge we ulag dyknyşygyny azaltmaga ýardam edýär. Gazetimiziň şu sanynda dünýäde iň köp welosiped sürülýän şäherler baradaky maglumatlary dykgatyňyza ýetirmegi makul bildik.**

**KOPENGAGEN.** Daniýanyň paýtagty 2015-nji ýyldan bäri welosiped sürmek üçin iň amatly şäherleriň sanawynda birinji orunda gelýär. Şäherde welosiped iň möhüm ulag serişdesi hasaplanýar. Kopengagenlileriň 62



göterimi, ýagny ilatyň ýarysyndan gowragy işe we okuwa welosipedli gatnaýarlar. Daniýa 2050-nji ýyla çenli CO2-bitarap ýurda öwrülmegi maksat edinýär. Şol sebäpli şäherde welosiped sürmek üçin dürli çäreler durmuşa geçirilýär. Welosipedçiler üçin ýollar, ýolyşyklar, «akylly» ýol dolandyryş ulgamlary we köprüler gurulýar. Ýaşaýjylar we şähere barýan syýahatçylar üçin welosipedli gezelençler guralýar. Kopengagende 400 kilometrden gowrak welosiped ýoly bolup, şäheriň ýaşaýjylary her gün welosipedde azyndan 5-6 kilometr geçýärler.

**AMSTERDAM.** Niderlandlaryň paýtagty egrem-bugram welosiped ýollary we kireýine



welosiped bermek hyzmatlary bilen tapawutlanýar. Işe, okuwa gatnamak, şähere gezelenç etmek üçin welosiped zerur bolup durýar. 2023-nji ýylda dünýäde ilkinji suwasty welosiped duralgasy Amsterdamda guruldy. Bu bolsa ýurtda iki tigirli ulaga uly üns berilýändigini aňladýar. Şäherde kanalyň boýunda welosipedli gezelenç edip, şäher gözelligini synlap bolýar.

**UTREHT.** Köplenç iň köp welosipedli şäherleriň sanawynda Utreht üçünji orny eýeleýär.



Niderland şäheri merkezinden akyp geçýän kanallary we owadan hem giň welosiped ýollary bilen tapawutlanýar. Utreht şäheriniň ilatynyň esasy bölegini ýaşlar emele getirýär. Şäherde gatnawyň üçden biri iki tigirli ulag arkaly amala aşyrylýar. Bu şäher güneşli we arassa howasy bilen welosiped sürýänlere şypa berýär. Dünýäniň iň uly welosiped duralgasy Utreht şäherinde ýerleşýär. 2019-njy ýylda açylan duralgada 12 müň 500-den gowrak welosiped saklanýar. Welosiped saklamak üçin ilkinji ýerasty desga hem 1938-nji ýylda Utreht şäherinde açylýar.

**ANTWERPEN.** Belgiýanyň port şäheri ösen welosiped ýollary, Stin galasy, Grote



Markt meýdançasy we Aan de Stroom muzeýi bilen köpçüligiň ünsüni özüne çekýär. Şäheriň islendik künjeginde welosiped kireýine berilýän, ýokary tehnologiýaly duralgalara duş gelmek bolýar. Duralgadan iki tigirli ulagy sagatlaýyn, gündelik, hepdelik, aýlyk we ýyllyk möhletde kireýine alyp bolýar. Şäherde welosipedler ýarym sagada çenli tölegsiz berilýär.

**STRASBURG.** Fransuz şäheri dünýäde welosiped sürmek üçin iň amatly 5 şäheriň



hataryna girýär. Bu şäherde ilatyň 16 göterimi her gün işe we okuwa welosipedli gatnaýar. Strasburgda aýratyn welosiped ýodalary bolup, kireýine welosiped berilýän duralgalar hem bar. Strasburga barýan syýahatçylar şähere welosipedli gezelenç edip, gözel künjeklere, muzeýlere aýlanyp bilýärler. Fransiýanyň paýtagty Pariž we Bordo şäherleri hem welosiped sürmek üçin iň amatly şäherler hasaplanýar.

**WANKUWER.** Demirgazyk Amerikanyň iň durnukly şäherleriniň biri bolan Wankuwer giň deňiz diwar ýollary we şäher merkezindäki welosiped ýollary bilen tanalýar. Kanadanyň port şäherinde 300 kilometrden gowrak



welosiped ýoly bar. Şäherde welosipedi bellenen zolakdan sürmäge, gorag başgabyny geýmäge we gijelerine çyra ulanmaga uly üns berilýär. Kanuna görä, iki tigirli ulagda jaň ýa-da signal bolmaly, Gün ýaşmazyndan 2 sagat öň çyralar ýakylmaly. Kanadanyň Monreal şäheri hem 700 kilometrden gowrak welosiped ýollary bilen Demirgazyk Amerikanyň öňdebaryjy welosiped şäherine öwrülýär.

**TOKIO.** Ýapon paýtagtynda gündelik işler üçin «mamaçari» diýlip atlandyrylýan ýönekeý



welosipedler has köp ulanylýar. Şäherde ulaglaryň pes tizlikli sazlaşygyna uly üns berilýär. Ýaponiýada awtoulag sürüjileriniň welosipedçilerden habardar bolmagy üçin her ýyl okuw sapaklary geçirilýär. Tokioda welosipedler üçin köp sanly duralgalar bolup, ýaponlaryň ýerli welosipedi (mamaçari) çydamlylygy we ýeňilligi bilen tapawutlanýar.

**Iň köp welosiped sürülýän şäherleriň sanawynda Bogota (Kolumbiýa), Helsinki (Finlýandiýa), Gent (Belgiýa), Wena (Awstriýa), Bern (Şweýsariýa), Oslo (Norwegiýa), Münster, Gannower, Leipsig (Germaniýa) we Bristol (Angliýa) ýaly şäherleriň hem ady agzalýar.**



Tebigy täsinlik

## ABŞ-nyň AK ÇÄGELI MILLI SEÝILGÄHI

**Dünýäde täsin tebigatly ýerleriň sanawynda ABŞ-nyň ak çägeli meýdany köpçüligiň ünsüni özüne çekýär. Nýu-Meksiko ştatynyň Alamogordo şäherinden, takmynan, 25 kilometr uzaklykda ýerleşýän ak çägeli depeler Çiuaua çölüniň bir bölegi hasaplanýar. 601 inedördül kilometrlik meýdany tutýan gipsden emele gelen bu gözellik Perm döwrüne (250 million ýyl mundan ozal) degişli edilýär. Şol döwürler bu ýerde deňiz bolup, gurandan soňra düýbünde gips (kalsiý sulfaty) galyndylary ýüze çykypdyr. Ýagyş-ýagmyryň gipsi akdyryp äkitmegi netijesinde bolsa, Tularosa basseýninde (Otero we Lusero köli, derýalar we otluklar) çökündiler toplanyp, kristal bölejikler çägä garyşypdyr. Irki ýyllarda (10 müň ýyl mundan ozal) kölüň töwereginde paleoindeýleriň we mamontlaryň ýaşandygy çaklanylýar. Demirgazyk ýarym şarda klimatyň aşa gyzmagy netijesinde köller gurap, ak çägeli meýdan emele gelipdir.**



**Kalsiý sulfaty esasly gum kristallaryndan düzülen gips Günüň dogmagy bilen şöhle saçyp başlaýar. Täsin ýeri, ak kristal bölejikler Gün şöhlesini yza serpikdirip, çäge ýaly gaty gyzmaýar. Şol sebäpli ak çägeli meýdanda tomsuň jokrama yssysynda hem arkaýyn aýakýalaňaç ýöräp bolýar.**

**ABŞ-nyň ak çägeli milli seýilgähinde 600-den gowrak oňurgasyz jandar, ösümlikleriň 300, guşlaryň 250, süýdemdirijileriň 50, süýrenijileriň 30, amfibiýanyň 7 we balygyň 1 görnüşi ýaşaýar. Şolaryň 45 görnüşi endemik jandarlardyr. Seýilgähdäki agawa meňzeş gül açýan ösümlik ak çägeleriň bezegi hasaplanýar. Milli seýilgähde gemrijileriň, towşan, tilki, kaýot we kirpi ýaly jandarlaryň köpüsi ak reňkde bolýar.**

**Milli seýilgähde 18 metre çenli beýiklikdäki ak depeler bar. ABŞ-nyň ak çägeli milli seýilgähine her ýyl 600 müňden gowrak syýahatçy barýar. Maglumatlara görä, seýilgähde 4,5 milliard tonna gips çägesi saklanýar. ABŞ-nyň ak çägeli milli seýilgähinde «Ýer ýüzüne düşen adam» (1976 ý.), «Ak gumlar» (1992 ý.) we «Transformerler» (2007 ý.) ýaly birnäçe film hem surata düşürildi.**



## Simsiz zarýad beriş tehnologiýasy

**Kabel ýok, ýöne telefon zarýad alýar. Eýsem, bu mümkinmi? Häzirki wagtda ähli täze smartfonlarda diýen ýaly simsiz zarýad beriş mümkinçiligi bar. Telefony tagtajygyň üstüne goýýarsyň we ol zarýad almaga başlaýar. Zarýad almagyň bu usulynda kabel hem, fiziki baglanyşyk hem ýok. Eýsem, bu energiýa telefona nädip ýetýär? Simsiz zarýad beriş tehnologiýasy nähili işleýär?**



Simsiz zarýad beriş tehnologiýasynyň arkasynda birnäçe ýyl ozal açylan, ýöne köp adama henizem belli bolmadyk elektromagnit induksiýa hadysasy ýatyr. Bu ulgamyň kömegi bilen energiýa göze görünmeýän magnit meýdany arkaly telefona geçýär. Ýagny, zarýad beriji blok tarapyndan öndürilen energiýa telefonyň içindäki kabul edijä ýetýär we enjamyň batareýasy zarýadlanmaga başlaýar. Ilkibaşda çylşyrymly ýaly görünse-de, aslynda bu örän ýönekeý logika bilen işleýär.

Häzirki wagtda ulanýan enjamlarymyzyň köpüsi Qi standartyna esaslanýar. Bu dürli markaly telefonlaryň we zarýad berijileriň arasyndaky utgaşyklylygy üpjün edýär. Simsiz zarýad bermegiň tehnologiýasy aslynda täze açyş däl. Bu usul XIX asyrda Maýkl Faradeý tarapyndan açylan elektromagnit induksiýa hadysasyna esaslanýar.

**NÄHILI IŞLEÝÄR?**

Telefonyň zarýad beriji böleginde we arka gapagynda mis spirallar bolýar. Zarýad beriji bölek elektrik toguna birikdirilende, elektrik togy spiralyň içinden geçýär we kiçi magnit meýdanyny döredýär. Magnit meýdany telefonyň içindäki spirala täsir edip, ol ýerde ýene-de elektrik togyny döredýär. Bu tok telefonyň zynjyrlary tarapyndan batareýanyň saklap biljek energiýasyna öwrülýär. Simsiz zarýad beriş tehnologiýasy hem hut şu usul boýunça işleýär. Ulanyjy telefonyny gabat gelýän simsiz zarýad berijiniň ýüzüne goýmak bilen zarýad beriş işi başlaýar.

**HAÝSY ENJAMLAR SIMSIZ ZARÝAD ALÝAR?**

Soňky ýyllarda bu tehnologiýa köp enjamlarda peýda boldy. «Apple», «Samsung», «Xiaomi» we «Huawei» ýaly kompaniýalaryň köp sanly smartfonlarynda simsiz zarýad beriş ulgamy bar. Käbir ýokary derejeli planşetlerde hem simsiz zarýad almak mümkinçiligi bar. «Akylly» sagatlardyr fitnes goşarlyklarynyň, şeýle-de gulaklyklaryň köpüsinde simsiz zarýad beriş tehnologiýasy ulanylýar.

**ARTYKMAÇLYGY NÄME?**

Simsiz zarýad beriş tehnologiýasy uzyn kabeli aradan aýyrýar. Zarýad berijiniň simi eplenip, towlanyp çalt zaýalanýar. Ýanyňda götermekde we ulanmakda amatly bolmadyk zarýad berijiler aşa gyzyp, ýanyp hem bilýär. Şeýle-de telefonyň zarýad alyş nokadyny ýakyp bilýär. Simsiz zarýad berijiler ulanmakda amatly bolup, telefona çalt we netijeli zarýad berýär. Bu ulgam smartfonyň günboýy doly zarýadly bolmagyny üpjün edýär.

## Dünýäniň reňkli şäherleriniň sanawy



**Irlandiýanyň syýahatçylyk we ätiýaçlandyryş kompaniýasy «JustCover» tarapyndan geçirilen ses berişligiň netijesinde 2,6 milliondan gowrak reňk öwüşginleri bilen sanawda Lissabon şäheri birinji orny, Malaýziýanyň paýtagty Kuala-Lumpur şäheri ikinji, Portugaliýanyň reňkli şäherleriniň biri bolan Porto üçünji orny eýeledi.**

**LISSABON BARADA**

**Portugaliýanyň paýtagty we iň uly şäheri bolan Lissabonyň 20 asyrdan gowrak taryhy bar. Güneşli howasy we daglyk kenarlary bolan bu şäher Ýewropanyň iň günbatar paýtagty hasaplanýar. Sary tramwaýlary, taryhy Alfama etraby we gijeki şäher durmuşy bilen tanalýan Lissabon kenarýakada ýerleşýär. 100 inedördül kilometr meýdany eýeleýän reňkli şäher deňiz kenaryndaky depeleriň üstünde gurlandygy sebäpli, owadan panoramik görnüşi emele getirýär. Orta asyrlarda gurlan reňkli owadan binalary bilen tapawutlanýan bu şäherde 575 müň töweregi adam ýaşaýar. Ýaşamak üçin gymmat şäherleriň biri hasaplanýan Lissabonda, esasan, deňiz önümleri köp iýilýär. Lissabon ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen iki sany binasy – Belem ýadygärlikler mekany we Žeronimuş köşgi hem-de fado sazy bilen meşhurdyr. Şäheriň iň gadymy Alfama etraby labirinte meňzeş dar köçeleri bilen syýahatçylary haýran galdyrýar. Şähere her ýyl 6-7 million syýahatçy barýar.**

**Internet platformalary arkaly geçirilen «Dünýäniň iň reňkli şäheri» bäsleşigine 78 ýer hödürlendi. Syýahatçylara we degişli hünärmenlere howadan düşürilen fotosuratlar, binalaryň, arhitektura ýadygärlikleriň suratlary görkezildi. Soňra iň reňkli binalaryň sanawy kesgitlenip, ýeňiji bolan şäherler yglan edildi. Dünýäniň iň reňkli 10 şäheri: Lissabon (Portugaliýa), Kuala-Lumpur (Malaýziýa), Porto (Portugaliýa), Kartagena (Kolumbiýa), Rio-de-Žaneýro (Braziliýa), Guanahuato (Meksika), Gawana (Kuba), Hanoý (Wýetnam), Nýu-Orlean (ABŞ), Medelin (Kolumbiýa).**

## TELEFONYŇ SAGLYGA TÄSIRI

Aragatnaşyk, täzelikler bilen tanyşmak we güýmenje maksatly ulanylýan öýjükli telefonlar amatly şert döredýändigine garamazdan, zyýanly täsirini hem ýetirýär. Alymlar tarapyndan smartfonyň adam beýnisine ýetirýän täsiri barada uzak ýyllaryň dowamynda barlaglar geçirildi. Barlaglaryň netijesinde uzak wagtlap telefon ulanmagyň beýnä oňaýsyz täsir edýändigi ýüze çykaryldy. Telefon ulanylyşynyň köpelmegi, esasan hem, smartfonlaryň yzygiderli kämilleşdirilmegi saglyk üçin zyýanly hasaplanýar.



Telefondan yzarlanýan täzelikler we bildirişler beýnide artykmaç höwes döredýär. Elektron poçta habarlarynyň, internet täzelikleriniň we sosial mediadaky mahabatlaryň adamlarda «habarsyz galmak gorkusyny» döretmegi mümkin. Şol sebäpli köp adam her gün ýa-da her sagat telefonyndaky platformalary yzarlap durýar. Bu ýagdaý adamlaryň işine we çagalaryň okuwyna ýaramaz täsir edýär.

Sosial media adamlaryň öz durmuşyny ýa-da ýagdaýyny beýlekiler bilen yzygiderli deňeşdirmegine sebäp bolýar. Bu bolsa adamlarda özüne bolan ynamy peseldip, durmuşa başgaça garaýşy döredýär. Esasanam, ýetginjeklerde bu deňeşdirmeleriň netijesinde göwnüçökgünlik alamatlary ýüze çykyp, ýalňyş pikirler döreýär.

Telefonyň ekranyndan bölünip çykýan mawy ýşyk melatonin gormonynyň bölünip çykmagynyň öňüni alyp, uky bozulmalaryna sebäp bolýar. Ukynyň peselmegi ýa-da ukusyzlyk alamatlary nerw ulgamyna täsir edip, adamlaryň özüni alyp barşynda gaharjaňlygy we aladaly ýagdaýlary ýüze çykarýar. Mundan başga-da, uzak wagtlap telefona güýmenýän adamlaryň beýnisinde ýadawlyk döreýär.

Smartfonlar her gün diýen ýaly täzelenýän platformalary we owadan dizaýnlary bilen ünsi özüne çekýär. Telefona güýmenýän adam wagtyň nädip geçenini hem bilmän galýar. Bu ýagdaý adamyň duýgularyna täsir edip, özüni günäkärlemegine sebäp bolýar.

Bilermenler telefonyň täsirini azaltmak üçin hepdäniň belli günlerinde ýa-da günüň belli bir wagtynda telefon ulanmagy çäklendirmelidigini belleýärler. Mundan başga-da, ýatmazdan bir sagat çemesi öň telefon ulanmagy bes etmelidigine we telefony ýatylýan otagda goýmaly däldigine ünsi çekýärler. Şeýle hem telefona güýmenmezden, gün tertibine eýermäge çalyşmalydygyny we sport bilen meşgullanmalydygyny, ýakynlaryň we dostlaryň bilen oturmaga wagt aýyrmalydygyny belleýärler.

## Ýagyş gurçugy näme üçin ÝERIŇ ÝÜZÜNE ÇYKÝAR?

**Ýagyşly gün ýolda ýöräp barýarkaň owunjak gurçuklaryň topragyň ýüzüne ýa-da ýanýodanyň üstüne çykandygyny görmek bolýar. Köpler bu ýagdaýy ýagyş gurçugy suwa gark bolup, ýokary çykandyr diýip pikir edýär. Emma ylymda muňa başgaçarak düşündiriş berilýär.**



Ýagyş gurçugynyň öz ýaşaýan ýerini – topragy taşlap gury ýere çykmagynyň esasy sebäbi iýmit gözlemek hem-de ýagyndaky kislota böleklerinden halas bolmak diýlip düşündirilýär. Gurçugyň öýkeni bolmansoň, derisinden dem alýar. Gurçuklar Ýeriň aşagynda-da, açyk howada we suwda-da dem alyp bilýärler. Alymlaryň pikiriçe, ýagyş gurçugy suwuň içinde bir ýyla çenli ýaşap hem bilýär. Diýmek, ýagyş gurçugynyň ýagyşly günler Ýeriň ýüzüne çykmagynyň sebäbi gark bolmak ýa-da suwuň içinde dem alyp bilmezlik bilen bagly däl.

Başga bir ylmy garaýşa görä, ýagyş damjalary topragyň üstüne düşende urýan ýaly yrgyldy döredýär. Ýagyş gurçuklary bu ýagdaýy howply duýduryş hökmünde kabul edip, topragyň ýüzüne çykýarlar. Alymlaryň ýene bir topary bolsa bu ýagdaýy ýagyş suwundaky himiki maddalar we kislota bilen baglanyşdyrýarlar. Ýagyş gurçugy zyýanly maddalaryň täsirinden gaçyp, mejbury Ýeriň ýüzüne çykmaly bolýar.

Halk arasynda ýaýran garaýşa görä, inçejik gyzyl gurçuklar ýagyş ýaganda, ýagny Ýer yzgarly bolanda aňsatlyk bilen hereket edip bilýärler. Ýagşyň ýagmagy ýa-da suw basmagy ýagyş gurçugynyň täze iýmit çeşmesini tapmagyna, amatly ýaşaýyş ýerine göçmegine we jübütleşmegine oňaýly şert döredýär. Umuman, ýagyş gurçugynyň täsin hereketleri irki ýyllardan bäri alymlar tarapyndan öwrenilýär.



Sahypany taýýarlan Sumbar ALYŞIROW.

# «GARRI POTTERIŇ» MEŞHUR OÝNY

Sport dünýäsi köp ugurly bolup, gyzykly oýunlara örän baý. Sport we toparlaýyn oýnalýan oýunlar beden taýdan türgenleşmäge, wagtyňy gyzykly hem-de peýdaly geçirmäge ýardam edýär. Dünýäde 8 müň töweregi sport görnüşiniň bardygy bellenilýär. Sport görnüşleriniň 200-e golaýy resmi taýdan ykrar edilip, aglaba bölegi bolsa halkara derejesinde tanalmaýar. Hatda köpler şeýle oýunlaryň bardygyny hem bilmeýärler. Gürrüňini etmekçi bolýan oýnumyza kwiddiç diýilýär.

Sportuň öň görlüp-eşidilmedik bu görnüşi iňlis ýazyjysy Joan Roulingiň «Garri Potter» atly hyýaly eseri esasynda ekranlaşdyrylan filmler toplumyndan ylham alnyp döredilipdir. Filmiň «Garri Potter we pelsepe daşy» (2001 ý.) böluminde sübsä münüp uçup bilýän Garri Potter ganatly topjagazy kowalaýar. Howpludygyna garamazdan, bu hyýaly oýun «Garri Potter» filminde täsirli ýagdaýda tomaşaçylara ýetirilýär. «Garri Potteriň» muşdaklary bu oýundan täsirlenip, regbi we gandbola çalym edýän, sübsä münüp ylgalýan täze sport görnüşini döredýärler. Köp ýurtda kwadbol diýlip atlandyrylýan bu oýun 30-dan gowrak ýurtda işjeň ösdürilýär.



Kwiddiç oýnunda iki topar özara güýç synanyşyp, her tarapda 7 oýunçy meýdança çykýar. 3 sany kowalaýjy, 2 sany sübseli gaçyjy, 1 derwezeçi we 1 hasap yzarlaýjy oýunçy toparyň agzalary hasaplanýar. Her tarapda 3 sany halka şekilli derweze dikilýär. Sübseli oýunçylar ýumurtga şekilli ullakan topy 1-1,5 metrden gowrak beýiklikdäki derwezä girizmek üçin özara bäsleşýärler. Hüjümçiler Garri Potter ýaly uçup bilmeýändikleri sebäpli, sübsä münüp meýdançada ylgaýarlar. Derwezeçi we kowalaýjylar bolsa, garşydaş toparyň gol salmagyna päsgelçilik döretmek üçin dürli tarapdan gysýarlar. Oýunda hasap yzarlaýjylar gollary bellige alýarlar we haýsy topar 30 utuk (filmde 150 utuk) toplasa ýeňiş gazanýar.



Mähriban çagalar, gyzykly ýagdaýda geçýän kwiddiç oýnuny siz hem howluda ýa-da açyk meýdanda dostlaryňyz bilen oýnap bilersiňiz. Munuň üçin agajyň çybygyny (sübsä derek), eliňe sygýan islendik görnüşli topy ulanyp bolýar. Boýuňyz bilen deňeçer halka (tegelek derweze) dikmek kyn bolan ýagdaýynda topy ullakan bedrä oklamak görnüşinde hem kwiddiç oýnap bilersiňiz. Oýunda seresaply bolmagy we birek-birege hormat goýmagy ýadyňyzdan çykarmaň!

# MALAÝ ALMASY

Tailandda ösdürilip ýetişdirilýän täsin miweleriň biri hem malaý almasydyr. Başgaça malaý gül almasy ýa-da ýamboza diýilýän bu miwe ylmy dilde «syzygium malaccense» diýlip atlandyrylýar. Mundan başga-da, malaý almasynyň dürli atlary bolup, «dag almasy», «otaheite almasy», «jambu bol» we «pommerak» ýaly görnüşde hem duş gelýär. Jaň şekilli almalar adaty almadan tagamy we daşky görnüşi taýdan düýpgöter tapawutlanýar. Malaý almasy gara-gyzyl, gyzylymtyl-gülgün we açyk ýaşyl reňkde bolup, uly we kiçijik iki görnüşi bolýar. Daşyndan armyda hem çalym edýän bu miwe hoşboý ysy, süýji tagamy we suwlulygy bilen tapawutlanýar. Miwäniň eti ak reňkde bolup, garpyz ýaly ýumşak hem-de suwly bolýar. Malaý almasynyň käbir görnüşi çigidi we özeni ýokdugy sebäpli, tutuşlygyna iýilýär. Käbir görnüşinde bolsa, awokado meňzeş ýekeje çigidi bolýar. Miwäniň gabygy örän ýuka bolandygy sebäpli, uzak wagtlap saklap ýa-da uzak ýola äkidip bolmaýar. Almanyň bu görnüşini sowadyjyda 1,5 hepde saklap bolýar.




Malaý almasy Günorta-Gündogar Aziýada ösýän tropik agaç bolup, hemişe ýaşyl öwüsýär. Gotaza meňzeş (seçekli) ýalpyldawuk gülgün gülleri bilen tapawutlanýan bu agajyň boýy 5-20 metre çenli ýetýär. Çalt ösýän malaý agajy bezeg we kölegelemek üçin ulanylýar. Tailandda, Malaýziýa we Indoneziýa ýaly ýurtlarda oktýabr aýyndan mart aýyna çenli aralykda malaý almasy satylýar. Miwäniň gülgün reňklisi iň süýjüsi we gymmady hasaplanýar. Malaý almasy terligine iýilmek bilen bir hatarda, işdäaçarlara goşulýar, jem, mürepbe taýýarlanylýar. Miweli agajyň gabygy, köki we ýapragy halk lukmançylygynda ulanylýar.



# ÄLEMGOŞAR REŇKLI GUŞ

Awstraliýanyň demirgazygynda ýaşaýan täsin jandarlaryň biri hem «Erythrura Gouldiae» guşudyr. 12-15 santimetr uzynlykdaky bu guşa başgaça älemgoşar amadin diýilýär. Agramy 14-15 grama ýetýän kiçijik guş älemgoşara meňzeş owadan ýelekleri bilen tapawutlanýar. Ganaty ýaşyl, sary, gyzyl, gök ýa-da gara reňkde bolýan amadiniň kellesi gara, sary we gyzyl bolýar. Döşi benewşe we garny sarymtyl reňkde bolýar. Kellesi gara çyzyk bilen bölünene meňzeýän älemgoşar guşy açyk sawannalarda we tokaýa ýakyn ýerlerde 7-8 ýyla çenli ýaşaýar. Reňkli guşlar, esasan, baglyk we suwa golaý ýerlerde mesgen tutýar. Esasy iýmiti ösümlikleriň owunjak dänesi bolan bu guşlar mör-möjek, gök ot we miwe hem iýýärler. Ýaz paslynda köpelýän älemgoşar amadin 4-8 ýumurtga goýýar we 14 günden soň jüýjeleýär. Jüýjesiniň agzynda gök, sary we ak reňkde ýalpyldawuk düwmeler (papilla) we gara nagyşlar bolýar. Bu düwmeler gijesine ýagty saçyp, älemgoşar amadiniň garaňkyda jüýjesini iýmitlendirmegine ýardam edýär. 24-30 günden soň kiçijik jüýjeler ulalyp, özbaşdak ýaşap başlaýarlar.



Älemgoşar amadin ilkinji gezek 1844-nji ýylda britaniýaly ornitolog Jon we aýaly Elizabet Guldlar tarapyndan öwrenilýär. Guldlaryň maşgalasy bu guş baradaky maglumatlary köpçülik bilen paýlaşýarlar. Şeýlelikde, bu guşa Elizabet Gulduň hormatyna «Gouldian finch» (Guld amadini) ady berilýär.

Ýabany tebigatda diňe Awstraliýada ýaşaýan bu guşlaryň eldekileşdirilen (dekoratiw) görnüşi dünýäniň ähli ýerinde diýen ýaly duş gelýär. Owadanlygy bilen tapawutlanýan kiçijik guş öýde saklanýan guşlaryň iň meşhury hasaplanýar. Kopleriň «aýdymçy guş» diýip tanaýan kiçijik guşjagazy hoş owazy we owadan jürküldisi bilen hezil berýär. Älemgoşar amadin totular ýaly sözleri gaýtalap ýa-da gepläp bilmeýär. Bedeninde 7-8 dürli reňk bolan bu guşlar ýyly howany halaýarlar. Sowuk howada çalt keselleýän reňkli guş aýratyn idegi talap edýär. Älemgoşar guşy içinde dürli oýnawaçlary, agaç şahajyklary bolan giň kapasy gowy görýär. Adama aňsat öwrenişýän bu guşlar öý şertinde 8-10 ýyla çenli ýaşaýar. Älemgoşar amadin Tebigaty we tebigy baýlyklary goramagyň halkara bileleşigi (IUCN) tarapyndan ýitip gitmek howpy abanýan guşlaryň sanawyna girizildi.



Gyzykly pursat

Sanlary birleşdirip, şekilli reňkläň!



Labirint



10 tapawudy tapyň!








14-nji SKANWORD

**Abdyleziz GURBANOW,** *Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*



## 20-nji KROSSWORD

**DIKLIGINE:** **1.** Düýe süýdünden taýýarlanylýan önüm. **2.** Däne üweýän gadymy gural. **3.** Bakja ekinleriniň daşky gaty gabygy. **4.** Däri-derman. **5.** ...-namys. **6.** Gara öýüň üstki bölegini emele getirýän uzyndan inçe agaçlar. **7.** Çörek önümi. **8.** Gaýragoýulmasyz, wajyp. **9.** Surat çekýän, nagyş bilen bezeýji. **11.** Talap, ygtyýar. **12.** Ownuk däl. **16.** Tizlik ölçeýji enjam. **17.** Umyt, isleg. **18.** Äht etmek. **20.** Nota. **22.** «Natriý» himiki elementiniň gysga belgisi. **25.** Arynyň bir görnüşi. **26.** Gyz ady. **28.** Çendenaşa, çaksyz. **29.** Utanjaň, çekinjeň. **30.** 16 kilograma deň agyrlyk ölçegi. **32.** Tylla, gyzyl. **35.** Harby ýolbaşçy. **36.** Belki, ähtimal. **38.** «Söwdügim, gül özün para eýlemiş,/Reşk ediban ýaňaklaryň ...» (Seýdi). **39.** «Meniň ballym bal goçak,/Suwlar akar ...,/Altmyş başly ak öýüň,/Ýaraşygy sallançak» (hüwdi). **41.** Himiki element. **42.** Azerbeýjan aşhanasynyň bir tagamy. **43.** «Tantal» himiki elementiniň gysga aňlatmasy. **46.** Pes, çöket ýer. **47.** Demri özüne çekýän we özünden itekleýän jisim. **49.** «Başlamak» sözüniň iňlisçesi. **51.** Aýawly saklamak, aýap saklamak. **53.** Arap elipbiýinde bir harp. **54.** Ümlük. **58.** Galla önümi.

**KESELIGINE:** **1.** Ýurdumyzda bir etrap. **6.** «Nan – ..., suw – kiçiden» (nakyl). **10.** Materik. **13.** Dokma dokalanda erşiň içinden geçirilýän ýüp. **14.** Çagşan, döwük. **15.** Demirgazyk polýus bilen ýanaşyk Ýeriň fiziki-geografik sebiti. **19.** Yssy yklym. **21.** Nahar taýýarlanýan otag. **23.** ...-nyşan. **24.** Gadymy grek halky. **27.** «Jismim kebap etmiş aýralyk ody,/Ýürekler gan bolup, gözde ... galdy» (Magtymguly Pyragy). **28.** Işalada bilen ýetişiksiz ýagdaýda aljyrap ýören. **30.** Äpişge. **31.** Tamasyz, ynamsyz. **33.** «Suwly ýer – ..., suwsuz ýer – çöl» (Paýhas çeşmesi). **34.** Suratyň çekilip gutarylmadyk nusgasy, sudury. **37.** Bir zat bilen deň derejede hasaplanýan. **40.** Eýranda bir şäher. **42.** Fransuz-italýan uçar öndürijisi. **44.** Aw guşy. **45.** Gurluşyk guraly. **48.** Uly käse, gap. **50.** Ýüzüne çig deri çekilen, kakylyp çalynýan depregiň bir görnüşi. **52.** Awtobusyň bir görnüşi. **55.** Bedeniň ähli agzalaryny we dokumalaryny gan bilen üpjün edýän esasy gan damary. **56.** Daýhan birleşiginiň hem-de obanyň ýerli häkimi. **57.** Pygamberleriň biri. **59.** Gadymy kitap. **60.** Birine ýa-da bir zada baha bermek üçin derňemek.

13-nji skanwordyň jogaby:



19-njy krosswordyň jogaby:





Sahypany taýýarlan Täjigözel BÄŞIMOWA.

# Ýewropa hem-de Konferensiýa Ligalarynyň ýarym finalçylary belli boldy

**UEFA Ýewropa Ligasynda ýarym finala çykan toparlar belli bolup, 2 iňlis kluby iň gowy 4 toparyň arasynda adyny ýazdyrmagy başardy. Ispan toparlarynyň ikisi üçinem ýaryş tamamlandy.**

Myhmançylykda «Bolonýany» 3–1 hasabynda ýeňen «Aston Willa» öz meýdançasynda garşydaşynyň derwezesinden jogapsyz 4 gol girizdi. Gollary 16-njy minutda Olie Watkins, 26-njy minutda Emiliano Buendia, 39-njy minutda Morgan Rojers hem-de 89-njy minutda Ezri Konsa geçirdi.





Ýaryşdaky beýleki iňlis kluby «Nottingam Forest» öz meýdançasynda «Portony» Morgan Gibbs-Waýtyň 12-nji minutda geçiren ýeke-täk goly bilen 1-0 hasabynda utdy. Duşuşygyň 9-njy minutynda «Portonyň» goragçysy Ýan Bednaregiň gyzyl kart almagy ýeňlişiň esasy sebäpleriniň biri boldy.

Öz meýdançasynda «Seltany» 3–0 hasabynda ýeňen «Fraýburg» myhmançylykda-da garşydaşynyň derwezesinden 3 gol geçirdi. Matanowiçiň (33) hem-de Suzukiniň (39, 50) gollary bilen 3-1 hasabynda ýeňen «Fraýburg» taryhynda ilkinji gezek UEFA-nyň ýaryşlarynda ýarym finala adyny ýazdyrdy.

Portugaliýada deňme-deň oýnan (1-1) «Braga» topary «Betisi» Ispaniýada 4-2 hasabynda utdy. Ýer eýeleri Antoni (13) we Ezzalzuliniň (26) gollary bilen 2–0 hasabynda öňe geçse-de, myhmanlar özüni dürsäp 4 gol geçirdi. Portugal toparyny ýarym finala çykaran gollary Wiktor (38), Karwalýo (49), Horta (53 p) hem-de Gorbi (74) derweze girizdi.

Şunlukda, ýarym finalda «Braga» bilen «Fraýburg», «Nottingam Forest» bilenem «Aston Willa» duşuşar. 1-nji duşuşyklar 30-njy aprelde, jogap oýunlary 7-nji maýda geçiriler. «Nottingam Forest» – «Aston Willa» duşuşygy 2008-nji ýyldan soň UEFA-da iňlis klublarynyň ilkinji özara duşuşygy bolar.

* * *

UEFA Konferensiýa Ligasynda çärýek finalyň jogap oýnunda Ukrainanyň «Şahtýor Donesk» topary myhmançylykda «AZ Alkmaar» bilen 2–2 hasabynda deňme-deň oýnap, ýarym finala adyny ýazdyrdy (Ýensen 73, Şin 80 — Alisson 58, Luka Meirelleş 83). «Şahtýor» 1-nji oýunda 3–0 hasabynda ýeňiş gazanypdy.

Germaniýanyň «Maýns» topary öz meýdançasynda «Strasbury» 2-0 hasabynda ýeňipdi. Ýöne jogap duşuşygynda fransuz kluby başgaça oýun görkezip, 4–0 hasabynda ýeňiş gazandy. Taryhynda UEFA-nyň uly ýaryşlarynda ilkinji gezek ýarym finala çykan «Strasbur» toparyna ýeňiş getiren gollary Nanasi (26), Uattara (35), Ensisko (69) hem-de Emegha (74) derweze girizdi.

Öz meýdançasynda «Fiorentinanyň» derwezesinden jogapsyz 3 gol geçiren «Kristal Palas» Italiýada 2-1 hasabynda utulsa-da, ýarym finala adyny ýazdyrdy. Çekeleşikli geçen oýunda «Fiorentinanyň» gollaryny Gudmundsson (30 p) bilen Ndur (53), iňlis toparynyň ýeke-täk pökgüsini Ismaila Sarr (17) geçirdi.

Ispaniýada «Raýo Wallekano» grekleriň «AEK Afiny» toparyny 3–0 hasabynda ýeňipdi. Jogap oýnunda afinylylar Zininiň (13, 51) hem-de Mariniň (36 p) gollary bilen 3–0 hasabynda öňe saýlanyp, umumy hasaby deňledi. Ýöne 60-njy minutda Palazonyň goly umumy hasapda ispanlary öňe saýlady. «Raýo Wallekano» 3–1 utulsa-da, umumy hasapda 4–3 üstün çykyp, ýarym finalda oýnamaga hukuk gazandy.

30-njy aprelde we 7-nji maýda oýnaljak ýarym final duşuşyklarynda «Şahtýor Donesk» bilen «Kristal Palas», «Raýo Wallekano» bilenem «Strasbur» toparlary duşuşarlar.

## 25 ýyldan soň Lampardyň tälimçiliginde «Premier Liga» dolandy

Angliýanyň meşhur klublaryndan Frank Lampardyň tälimçiligindäki «Kowentri Siti» topary 25 ýyldan soň «Premier Liga» dolandy. Ýurduň 2-nji ligasy «EFL Championship»-de «Kowentri Siti» topary 42-nji tapgyrda myhmançylykda «Bläkbörn» topary bilen 1–1 hasabynda deňme-deň oýnady. Şeýlelikde, möwsümiň tamamlanmagyna 4 tapgyr galanda, «Premier Liga» çykmagyň hötdesinden geldi. Mälim bolşy ýaly, «EFL Championship»-de öňdäki 2 orny eýelän toparlar «Premier Liga» çykyp, 3-4-5-6-njy ýerlerdäki klublar pleý-off tapgyryna gatnaşýar.

«Kowentri Siti» topary soňky gezek 2000/01 möwsüminde «Premier Ligada» çykyş edipdi. Topar 1967/68 möwsüminden başlap, 2000/01 möwsümine çenli 33 möwsüm yzygiderli ýagdaýda Angliýanyň iň ýokary ligasynda oýnapdy. Şondan bäri-de 2-3-nji, hatda 4-nji liga hem gidip gelen «Kowentri Sitiniň» 25 ýyllyk arakesmesi tamamlandy. 2012/13–2019/20 möwsümleriniň arasynda 3-4-nji ligalarda oýnan (2017/18 möwsümi 4-nji ligada) «Kowentri Siti» toparyna 2024-nji ýylyň noýabryndan




bäri Frank Lampard tälim berip gelýär. Lampard 2-nji ligada ýylyň tälimçisi baýragyna hem laýyk görüldi.

«Kowentri Siti» 44-nji tapgyrda «Portsmut» toparyny 5-1 hasabynda ýeňip, 1966/67 möwsüminden soň taryhynda 2-nji gezek 2-nji liganyň çempionlygyny gazandy.

## 10 ýyl öň APL-de çempion bolupdy, indi 3-nji liga düşdi

Angliýanyň 2-nji ligasy «EFL Championship»-de 23-nji orunda barýan «Lester Siti» topary 3-nji liga (League One) düşdi. 2016-njy ýylda taryhy başarnyk görkezip, «Premier Liganyň» çempionlygyny gazanan «Lester Siti» topary 44-nji tapgyrda öz meýdançasynda «Hall Siti» bilen 2-2 hasabynda deňme-deň oýnady. Bu deňlikden soň olaryň matematik hasaplamalara görä, täze möwsümde 2-nji ligada çykyş etmek mümkinçiligi galmady. Şu möwsümde maliýe «fair-play» düzgünleri esasynda 6 utugy hem aýrylan topar 44 oýunda 42 utuk toplady. 12 utugy aýrylan «Şeffild Wensdeý» topary –3 utuk bilen iň soňky orunda bolup, olar bireýýäm 3-nji liga düşüpdi.

2015/16 möwsüminde italiýaly hünärmen Klaudio Ranieriniň tälimçiliginde futbolyň taryhynda seýrek duş gelýän hadysa bolupdy. «Lester Siti» şol möwsüm futbolyň iň öňdebaryjy ligasy hasaplanýan Angliýanyň «Premier Ligasynda» läheňleriň arasyndan saýlanyp, taryhynda ilkinji gezek çempionlyk gazanypdy.

Toparyň ozalky eýesi, tailandly işewür Wiçai Sriwaddhanaprabhanyň 2018-nji ýylda aradan çykmagyndan soň klub maliýe babatda kynçylyklar bilen ýüzbe-ýüz bolup başlady. «Lester Siti» topary 2023/24 möwsümini-de 2-nji ligada geçiripdi, ýöne 1 ýyldan soň täzeden ýokary liga dolansa-da, ýene-de şowsuzlyklaryň netijesinde «EFL Championship»-e düşüpdi.



2-nji liganyň iň köp çempionlyk gazanan topary (8 gezek) «Lester Siti» taryhynda 2-nji sapar 3-nji ligada çykyş eder. «Lester Siti» mundan öň 2008/09 möwsümini 3-nji ligada geçiripdi. Ýöne bu gezek maliýe babatda ýetmezçilikler düzeldilmedik ýagdaýynda toparyň 3-nji ligadaky başdan geçirmesi 1 möwsümlik bolmaz. Hatda 4-nji liga düşmekleri hem mümkin diýlip bellenilýär.

# Braziliýalylar 6-njy çempionlygyň arzuwynda

**Dünýä Kubogy 2026-nyň «C» toparçasyndaky ýygyndylaryň 3-si 1998-nji ýyldaky çempionatda-da bir toparça düşüpdi. Ýagny Gaitiden galan 3 ýygyndynyň – Braziliýadyr Şotlandiýanyň hem-de Marokkonyň ýygyndylary Dünýä Kubogynyň çäginde azyndan 1 gezek gabatlaşdylar.**

Dünýä Kubogy diýlende, ilkinji bolup hemmäniň ýadyna düşýän topar, gürrüňsiz, Braziliýanyň milli ýygyndysydyr. Aýratynam sary köýnekçesi bilen hemmäniň ünsüni özüne çekýän Braziliýanyň dünýä futbolynyň sanawyna goşan ýyldyz oýunçylarynyň sany juda köpdür. Braziliýa Dünýä Kubogynyň ählisine gatnaşan ýeke-täk ýurt bolup, hiç bir toparyň gaýtalap bilmejek rekordyny häzirlikçe dowam etdirýär.

Mundan öňki 22 çempionatda 5 gezek çempionlyk gazanyp, bu ugurda öňde barýan Braziliýa 2 sapar finalda ýeňlişe sezewar bolýar. 3 gezek bürünç, 2 sapar hem 4-nji orny eýelän Braziliýanyň toparçadan çykmadyk çempionatynyň sany hem 2-ä deňdir. 114 duşuşyk geçirip, bu görkeziji boýunça 1-nji ýerde barýan Braziliýanyň ýygyndysy 76 oýunda ýeňiş gazanýar. 19 oýunda utulan sambaçylar 19 duşuşykda utulýar. 237 gol geçiren braziller 108 gol hem geçirdýär. Braziliýanyň ýygyndysy 1958-nji, 1962-nji, 1970-nji, 1994-nji hem-de 2002-nji ýyllarda çempionlyk gazanýar. Esasan hem, 1958-nji, 1970-nji ýyllarda gazanylan çempionlyklarda has owadan we erjel oýun görkezen sambaçylar 1950-nji ýylda garaşylmadyk ýagdaýda 2-nji orny eýeleýär. Riodaky meşhur «Marakana» stadionynda 200 müňden gowrak janköýeriň şaýatlygynda geçen oýunda Urugwaýdan 2–1 hasabynda utulýar. Şol wagtky düzgüne görä, final tapgyrynyň toparçasynda Braziliýa 1-nji orunda barýardy we Urugwaý bilen bolan oýunda olara deňlik hem ýeterlikdi. 2-nji ýarymyň başynda Friasanyň goly bilen öňe geçen sambaçylar 66-njy minutda Skiýaffinonyň, 79-njy minutda-da Gidžanyň gollaryny saklap bilmeýär. 16-njy ýyl olar üçin pajygaly günleriň biri bolup galýar. 2014-nji ýylda Braziliýa Dünýä Kubogyny 2-nji gezek özünde guranda-da, taryhy şowsuzlygy başdan geçirýär. Mineiraodaky ýarym final duşuşygynda Germaniýadan 7–1 hasabynda asgyn gelip, ähli janköýerlerini gaty gynandyrýar.

Braziliýanyň ýygyndysy ilkinji duşuşygynda 1930-njy ýylda ozalky Ýugoslawiýadan 2–1 hasabynda ýeňilýär. Braziliýanyň ýygyndysy iň köp Şwesiýa bilen duşuşyp, olar 7 gezek özara güýç synanyşýar (5 ýeňiş, 2 deňlik). Ozalky Çehoslowakiýadyr Italiýanyň, Meksikanyň, Niderlandlaryň, Ispaniýanyň ýygyndylary bilen 5, Argentinanyň, Çiliniň, Angliýanyň, Fransiýanyň, Polşanyň, Şotlandiýanyň, ozalky Ýugoslawiýanyň milli toparlary bilenem 4 duşuşyk geçirýär. Umumylykda, 49 ýygyndy bilen duşuşýar. Meşhur derwezeçi Kafu 4 çempionata gatnaşyp, 20 oýun bilen Dünýä Kubogynda iň köp çykyş eden braziliýaly futbolçydyr. 19 oýunda 15 gol geçiren Ronaldo Luis Nazario Dünýä Kubogynda iň köp gol geçiren braziliýaly bolup, hatda ol Miroslaw Klozeden soň iň köp gol geçiren 2-nji futbolçydyr.

Italiýaly Karlo Ançelottiniň tälimçiliginde Dünýä Kubogyna gatnaşýan Braziliýanyň ýygyndysy edil ozalkylar ýaly güýçli derejede fawori görkezilmese-de, 6-njy çempionlygyna ymtylýar. Çempionatyň ABŞ-da, Meksikada geçmegi aýratyn bellärlikli bolup, Braziliýa ozal olaryň 2-sinde hem çempionlyk gazanypdy.




### Azyndan 4 ýyl öňki başarnygy gaýtalamak

● Mundan 4 ýyl öňki Dünýä Kubogynda 4-nji ýeri eýeläp, Afrikanyň iň başarnykly topary adyny alan Marokkonyň ýygyndysy 1954-nji ýyla çenli FIFA-nyň agzasy däldi. Müsürden soň Dünýä Kubogyna gatnaşan 2-nji afrika topary bolup, olar ilkinji synanyşygyny 1970-nji ýylda başdan geçirýär. 2-nji gezek 16 ýyldan soň, ýagny 1986-njy ýylda gatnaşýar. Soňra 1994-nji we 1998-nji ýyllarda wekilçilik eden Marokkonyň ýygyndysynyň nobatdaky arakesmesi uzak bolýar. 20 ýyldan soň Katar 2022-ä gatnaşan Marokko 7-nji gezek Dünýä Kubogyna wekilçilik eder. Marokkolylar DK-de 23 duşuşykda 5 ýeňiş gazanýar, 11 oýunda utulýar (7 deňlik). 20 gol geçirip, 27 gol geçirdýär. Ilkinji çempionatyny 2 ýeňliş, 1 deňlik bilen tamamlan Marokkonyň ýygyndysy ilkinji ýeňşini 1986-njy ýylda Portugaliýanyň garşysyna geçiren oýnunda gazanýar (3-1). Şol çempionatda 1/8 finala çykýar. Katar 2022-de bolsa taryhy başarnyk görkezip, 4-nji orny eýeleýär. Nobatdaky Dünýä Kubogynda duşuşjak garşydaşlaryndan Braziliýadan 3-0 hasabynda asgyn gelýär, Şotlandiýany bolsa şol hasap bilen ýeňýär. Bu iki görkeziji-de Marokkonyň çempionatyň çägindäki iň uly hasaply ýeňlişi hem-de ýeňşi bolýar. Şu wagta çenli Portugaliýa bilen 3 gezek duşuşyp, 2-sinde ýeňiş gazanýar. Ispaniýa bilen 2 oýun geçirip, ikisinde-de esasy wagty deňme-deň oýnaýar. Aşraf Hakimi bilen Hakim Ziýeş 10 oýun bilen Dünýä Kubogynda meýdança iň köp çykan marokkoly futbolçylardyr. Ýussef En-Nesiri bolsa 3 gol bilen iň köp gol geçirenleriň arasynda öňdeligi eýeleýär.

### Ilkinji gezek toparçadan çykmak isleýär

● Şotlandiýanyň ýygyndysy 1950-nji ýyla çenli FIFA-nyň agzasy hem däldi. 1950-nji ýyldaky çempionata gatnaşmaga hukuk gazansa-da, ýaryşa wekilçilik etmekden ýüz öwürýär. 1954-1958-nji ýyllardaky çempionata gatnaşan şotlandlar bu 2 ýaryşy ýeňişsiz (1 deňlik) bilen tamamlaýar. Hatda ilkinji gezekde gol hem geçirip bilmeýärler. 18 ýyllyk arakesmeden soň yzlyyzyna 5 çempionata gatnaşýarlar. 1994-nji ýylda ýene arakesme berip, 1998-nji ýyldaky Dünýä Kubogynda bolsa çykyş edýärler. Ýöne şondan soň ýene-de çempionat ýatdan çykýar. Dünýä Kubogy 2026 şotlandlaryň 28 ýyldan soň 9-njy synanyşygy bolar. Şu wagta çenli Şotlandiýanyň ýygyndysyna toparçalardan çykmak başartmaýar. Şotlandiýa 23 oýun oýnap, 4 duşuşykda ýeňiş gazanýar, 12 oýunda utulýar (7 deňlik). Britan futbolynyň wekili 25 gol geçirip, 41 goly derwezelerine goýberýär. Olaryň ilkinji ýeňşi 1974-nji ýylda hasaba alnyp, şol wagtky Zairiň, häzirki Kongo DR-niň ýygyndysyny 2–0 hasabynda utýar. 1978-nji ýylda Niderlandlary 3–2, 1982-nji ýylda Täze Zelandiýany 5-2 (bu şol wagtyň özünde iň uly hasaply ýeňşi), 1990-njy ýylda-da Şwesiýany 2–1 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar edýär. 1954-nji ýylda Urugwaýdan 7–0 hasabynda asgyn gelýär we bu olaryň DK-däki iň uly hasaply ýeňlişi bolýar. Mundan öň Braziliýa bilen 4 gezek duşuşan şotlandlar şolaryň 3-sinde asgyn gelýär (4–1, 1–0, 2–1), diňe birinde deňme-deň oýnaýar (0–0). Urugwaýdyr öňki Ýugoslawiýa bilen 2 gezek oýnan Şotlandiýanyň ýygyndysy Marokko bilenem 2-nji duşuşygyny geçirer. Jou Jordan 4 gol bilen Dünýä Kubogy ýaryşlarynda iň köp tapawutlanan şotland futbolçydyr. Jim Leiton 9, meşhur ýyldyz Kenni Dalgliş 8 duşuşykda çykyş edip, bu görkezijiler boýunça öňe saýlanýarlar.

Gaitiniň ýygyndysy 42 ýyldan soň taryhynda 2-nji gezek Dünýä Kubogyna gatnaşýar. Mundan öň 1974-nji ýylda wekilçilik eden Gaiti şol çempionatda Italiýadyr Polşanyň hem-de Argentinanyň ýygyndylary bilen duşuşyp, 3-sinden hem utulýar. Italiýa bilen geçirilen duşuşykda Emmanuel Sannon 2-nji ýarymyň başynda hasaby açsada, ýewropalylar Riweranyň, Benettiniň hem-de Anastasiniň gollary bilen ýeňiş gazanýar. Polşadan 7–0 hasabynda utulan Gaitiniň ýygyndysy Argentinadan hem asgyn gelýär. Argentinadan 4-1 hasap bilen utulanda, Gaitiniň ýeke-täk golunу ýene-de Emmanuel Manno Sanon geçirýär. Gaitiniň ýygyndysy käbir ýyllarda Dünýä Kubogynyň saýlama tapgyryna hem gatnaşmaýar. Fransiýaly hünärmen Sebastian Minýeniň tälimçiligindäki Gaitiniň ýygyndysy ýene-de sanlyja günlerden başlanjak çempionatda ilkinji utugyny, belki-de ilkinji ýeňşini gazanmak üçin meýdança çykar.

# KUBOK ÝARYŞLARYNYŇ FINALÇYLARY

### «Inter» soňky minutlarda kembek etdi

● Italiýanyň Kubogy ýaryşynda (Coppa Italia) ilkinji finalçy belli boldy. Ýarym finalyň jogap duşuşygynda «Inter» öz meýdançasynda «Komo» toparyny kabul etdi. Çekeleşikli geçen oýunda «Komo» topary Baturinanyň 32-nji, Da Kunýanyň 48-nji minutdaky gollary bilen 2–0 hasabynda öňe





saýlandy. Ýöne ruhdan düşmedik «Inter» topary 69-njy hem-de 86-njy minutlarda tapawutlanan Hakan Çalhanoglunyň gollary bilen hasaby deňledi. 89-njy minutda bolsa Suçiç «Interi» öňe geçirdi. 1-nji oýny golsuz geçen ýarym finalyň jogap duşuşygynda 3–2 hasabynda ýeňiş gazanan «Inter» topary taryhynda 16-njy gezek finala çykdy. «Inter» topary şolaryň 9-synda ýeňiji bolup, «Ýuwentusdan» soň 2-nji orny «Roma» bilen paýlaşýar.

Beýleki finalçy «Lasio» topary bolup, rimliler ýarym finalda «Atalantadan» üstün çykmagy başardy. Mart aýynyň başynda Rimde oýnalan 1-nji duşuşyk 2–2 hasabynda deňlikde tamamlanypdy. Jogap duşuşygynda-da esasy wagtda ýeňiş gazanan bolmady. 84-nji minutda Romanýoliniň goly bilen öňe geçen «Lasio» toparyna «Atalanta» kluby 2 minutdan soň Paşaliçiň goly esasynda jogap berdi. Goşmaça wagtda-da hasap üýtgemänsoň, ýeňiji 11 metrlik urgulary arkaly kesgitlendi. Bu urgularda 2–1 hasabynda üstün çykan «Lasio» «Interiň» finaldaky garşydaşy boldy. «Lasio» topary 11-nji gezek finala çykyp, olar 7 gezek kubogy eýelediler. Final duşuşygy 13-nji maýda Rimde oýnalar.

### 28 ýyldan soň

● Fransiýanyň Kubogy ýaryşynda (Coupe de France) ilkinji ýarym finalçy «Lans» topary boldy. 109-njy gezek geçirilen ýaryşyň ýarym finalynda «Lans» topary öz meýdançasynda «Tuluza» toparyndan 4–1 hasabynda üstün çykdy. «Lans» toparyna ýeňiş getiren gollary Towen (9 p), Seýnt-Maksim (18), Udoi (35) hem-de Tomasson (74) derweze girizdi. Şu wagta çenli kubogy gazanyp görmedik «Lans» topary 1948-nji, 1975-nji hem-de 1998-nji ýyllardan soň 4-nji gezek finalda oýnar.



«Lans» topary finalda «Nissa» bilen duşuşar. «Nissa» topary ýarym finalda myhmançylykda «Strasbury» 2–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. «Nissa» toparynyň gollarynyň 2-sini hem Elýe Wahi geçirip, ol 51-nji we 82-nji (p) minutlarda tapawutlandy. «Nissa» topary 5-nji gezek finala çykyp, 1952-nji, 1954-nji hem-de 1997-nji ýyllarda kubogy eýeläpdi. 1978-nji hem-de 2022-nji ýyllarda-da finalda ýeňlipdi.

«Lans» bilen «Nissa» toparlarynyň arasyndaky final duşuşygy 22-nji maýda Sen-Deni şäherçesindäki «Stade de France» stadionynda oýnalar.

### 25-nji gezek finala çykdy

● Germaniýanyň Kubogy ýaryşynda (DFB-Pokal) «Bawariýa» finala çykmak kyn düşmedi. Myhmançylykda Lewerkuzeniň «Baýer» toparyny Harri Keýn (22) hem-de Luis Diazyň (90+3) gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňen «Bawariýa» 2020-nji ýyldan soň finala adyny ýazdyrdy. 25-nji gezek finala çykyp, şolaryň 20-sinde ýeňiji bolan «Bawariýa» topary «Ştutgart» ýa-da «Fraýburg» bilen duşuşar. Final oýny 23-nji maýda Berlindäki «Olympiastadion»-da oýnalar.



# «Zaman-Türkmenistan» gazetine abuna ýazylyşygy dowam edýär

Hormatly Prezidentimiziň bimöçber aladasy bilen ykdysadyýetimiziň ähli pudaklaryna sanly ulgam ykjam ornaşdyrylýar. Munuň özi biziň her birimiziň wagtymyzy tygşytlamaga, iş öndürjiligini artdyrmaga şert döredýär. Häzirki wagtda el telefonlarynyň, ýankompýuterleriň kömegi bilen islendik ýerde, islendik wagtda ýol peteklerini satyn almak, dürli tölegleri tölemek, gazet-žurnallara ýazylmak we okamak, täzelikler bilen tanyşmak mümkin. Bu bolsa sanly ulgamyň biziň durmuşymyza ymykly ornaşýandygyny görkezýär. Şu günler 2026-njy ýylyň II ýarym ýyllygyna abuna ýazylyşygy dowam edýär. Elektron abuna ýazylyşygyna ykjam el telefonlarda belli programmalaryň üsti bilen ýazylmak mümkin. «Zaman-Türkmenistan» gazetiniň çap edilýän görnüşine abunaçylaryň köpdügini bellemek bolar. Çünki gazetiň çap edilýän hem-de elektron görnüşinde diňe bir ýurdumyzyň däl, eýsem, dünýäniň täzelikleri giňden beýan edilýär. Gazetiň habarlar, edebiýat, dünýä täzelikleri, okaň, dynç alyň, çagalar dünýäsi, güýmenje, sport, sungat ýaly bölümlerinde gyzykly, manyly makalalary, täzelikleri okamak mümkin. Gazetde peýdaly maslahatlar, krosswordlar, skanwordlar yzygiderli çap edilýär. Munuň özi her bir okyjynyň wagtyny gyzykly, mazmunly geçirmäge uly mümkinçilik berýär. «Zaman-Türkmenistan» gazetiniň saýtynyň üsti bilen türkmen, rus we iňlis dillerinde habarlary okamak juda amatly. «Zehin synagy» bölüminde bolsa, dürli sowallaryň ýerleşdirilmegi öz bilimiňi kämilleşdirmekde aýratyn uly orun tutýar. Bu bolsa Watanymyzyň röwşen geljegi bolan ýaşlarymyzyň ylymly-bilimli, giň dünýägaraýyşly bolup ýetişmekligine uly mümkinçilik berýär.





Ähli watandaşlarymyzy «Zaman-Türkmenistan» gazetiniň elektron we çap edilýän görnüşine 2026-njy ýylyň II ýarym ýyly üçin abuna ýazylmaga çagyrýaryn. Gazetiň elektron we çap edilýän görnüşleri bilen boş wagtyňyz manyly, mazmunly we gyzykly geçer.

**Gülhumar HOJAHMETOWA,**
*Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Köneürgenç etrap birleşmesiniň esasy hünärmeni.*